# TÜRKMENISTANYŇ BILIM MINISTRLIGI

# MAGTYMGULY ADYNDAKY TÜRKMEN DÖWLET UNIWERSITETI


# Hukuk işini gurnamak
## (okuw gollanmasy)

**AŞGABAT – 2010 ý.**

**G. H. Arnaöwezowa**

# Hukuk işini gurnamak
# (okuw gollanmasy)

***Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan hödürlenildi***

**Ylmy redaktor:** ***hukuk ylymlarynyň kandidaty, dosent A. Jumaýew***

**AŞGABAT – 2010 ý.**

# G I R I Ş

Hukuk işini gurnamak dersini okatmagyň maksady hukuk işini gurnamak boýunça esasy düzgünlerini we tertibini talyplaryň çuňňur öwrenmegini we bilmegini gazanmakdan ybarat bolup durýar. Seýle-de talyplara Türkmenistanyň Garaşsyzlygyny, Baky Bitaraplygyny almagy bilen geçirilýän hukuk işine degişli özgertmeleriň many-mazmuny we ähmiýeti barada giňişleýin düşündiriş bermek. Şeýle hem, Tŭrkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Tŭrkmenistanda hukuk ulgamyna degişli alyp barýan syýasatyndan ugur alyp, hukuk pudagynda geljekdäki özgertmelere talyplaryň ünsüni çekmek. Talyplar hukuk işiniň gurnalmagynyň tertibini, gatnaşyjylaryň hukuk ýagdaýlaryny doly bilmeli. Munuň özi hukuk işi gurnalanda we ýazylyş tertibi özleşdirilende nazary bilimlerini tejribe bilen doldurmaga mümkinçilik berer. Talyplar iş-okuw oýunlarynda hukuk işini gurnaýan gatnaşyjylarynyň orunlarynda çykyş edip öz alan bilimlerini tejribe bilen berkitmeli. Bu usul talyplaryň tejribe jähitden pikir etmek we iş kagyzlaryny doldumak ukybyny artdyrar. Talyplar edil şu tertipde kazyýetiň, maslahat beriş döwlet edaralarynyň goýberen ýalňyşlyklaryny kanuna laýyk tertibinde düzetmegi hem-de hukuk resminamalarynyň ýerine ýetiriş kadalaryny doly bilmelidirler.

Awtor taýýarlanan okuw gollanmasynyň hukuk işini gurnamak dersi bilen gyzyklanýan talyp ýaşlaryň bilimlerini artdyrmaga ýardam eder diýip umyt bildirýär.

## Tema 1 : ”Garaşsyz Türkmenistanda hukuk işiniñ mazmuny we ähmiýeti”.

### §1. Hukuk işine düşünje we onuñ ähmiýeti. Hukuk işiniñ gurnalmagynyñ usullary.

Garaşsyz baky Bitarap Türkmenistan döwletimiziň jemgyýetçilik durmuşynyň dürli pudaklarynda köp sanly özgertmeler, ösüşler bolup geçýär. Bu ösüşleri, özgertmeleri hukuk taýdan berkitmek, döwrebap kanunlaryň esasynda düzgünleşdirmek zerurdyr. Şonuň üçin döwletimizde kanunçylygyň ösdürmekligi iki ugry boýunça durmuşa geçirilýär:

1. Türkmenistanyň milli kanunçylygyny halkara ülňülerine (standartlaryna) laýyk getirmek.
2. Türkmenistanyň milli kanunçylygynynyň hukuk kadalarynyň biri-birine gapma-garşy gelmek ýagdaýlaryny (kanunlaryň kolliziýasyny) aradan aýyrmak.

Umuman, döwletiň we hukugyň nazaryýeti taýdan, ýuridiki ensiklopediki sözlüginiň esasynda kanun diýmek – bu halkyň erk-islegini durmuşa geçirýän, normatiw görnüşindäki imperatiw häsiýetli hukuk namadyr. Kanunçylyk – bu kanunlaryň jemidir.

Hormatly Prezidentimiziň tagallalary esasynda kanunçylygy ösdürmek boýunça hukuk reformalary Türkmenistan döwletimizde intensiw ýagdaýda hasylly netijeleri bilen durmuşa geçirilýär. Döwletimiziň kanunçylygyny dogry we ýerlikli ösdürmek üçin, ilki bilen Konstitusiýany kämilleşdirmek we halkara standartlaryna gabat getirmek zerurdyr, sebäbi ýurdyň ähli kanunlary,

hukuk namalary öz esasyny, fundamentini, gözbaşyny döwletiň Esasy kanuny bolan – Konstitusiýadan alyp gaýdýar. Şonuň üçin Milli Lidermiziň ýolbaşçylygynyň esasynda biziň diýarymyzda ilki bilen Konstitusiýa kämilleşdirildi we döwrüň talabyna görä birnäçe zerur üýtgeşmeler girizilip, dünýa ülňülerine gabat getirildi.

Täze Galkynyşlar we Beýik Özgertmeler zamanasynda jemgyýetçilik durmuşynyň dürli pudaklarynda bolup geçýän sepgitleri, özgertmeleri düzgünleşdirýän hukuk namalar we kanunlar intensiw, progresiw ýagdaýlarda halkara ülňülerine gabat getirilip, Türkmenistanyň Mejlisi tarapyndan kabul edilýär.

2008-nji ýylyň dowamynda kanunçylygy ösdürmek boýunça Türkmenistanyň Milli parlamenti Mejlisi tarapyndan birnäçe kanunlar kabul edildi: Türkmenistanyň Oýlap tapyşlar we senagat nusgalary hakyndaky Kanuny, Türkmenistanyň Söwda deňiz gatnawynyň Kodeksi, Türkmenistanyň Haryt nyşanlary, hyzmat ediş nyşanlary we harytlaryň gelip çykan ýeriniň ady hakyndaky Kanuny.

**Hukuk işi** – bu jemgyýetçilik önümçiligine hukugyň täsir edişini güýçlendirmek we kanunçylygy üpjün etmek maksatlaryna gönükdirilen hukuk kadanamalary kabul etmek we hukugy durmuşa geçirmek işleriniň jemidir.

Karhanalarda, edaralarda hukuk kadalaryny ulanmak, durmusa gecirmek boyunca yerine yetirilyan işine hukuk işi diýilýär.

Hukuk kada – bu döwlet tarapyndan bellenen we onuň mejbury güýji bilen amala aşyrylmagy upjün edilen, özüňi alyp barylmagynyň umumy düzgünleri.

Hukuk kadasynyň gelip çykyşynyň şekili bolup kesgitlenen hukuk namalary we başga hukuk çeşmeleri çykyş edýärler.

Hukuk kadalarynyň göenüşleri olaryň toparlandyryşynyň esaslaryna baglydyr. Her bir hukuk kadasy fiziki we hukuk şahslara özini alyp barylşynyň kesgitlenen keşbini belleýär. Hukuk kadalary şeýle görnüşlere toparlandyrylýar:

1. Borç döredijі,
2. Gadagan ediji,
3. Ytyýar ediji.

Borç dörediji hukuk kadalary - bu taraplara kesgitlenen, belli bir ýagşy (polo žitel) hereketleri amala aşyrmagyny belleýär, düzgünleşdirýär.

Gadagan ediji hukuk kadalary – bu taraplaryň haýsy-da bir hereketlerini amala aşyrmaklygynyň bolup bilmejekligini görkezýän hukuk kadalardy4r.

Ygtyýar beriji hukuk kadalary – bu hukuk netijelerine getirýän kesgitlenen hereketleri amala aşyrmaga taraplara mümkinçilik berýän hukuk kadalarydyr.

Hukuk kadalary belleniliş şekili boýunça şu aşakdaky görnüşlere böünýärler:

1. Imperatiw hukuk kadalary;
2. Dispozitiw hukuk kadalary.

Imperatiw (kategoriçeskiýe) hukuk kadalary häkimýetli düzgünlerden, belliklerden ybaratdyrlar, bulary ýerine

ýetirmezligine ýöl berilmeýär, bu mümkin däl. Buňa zähmet hukugynyň kadasy mysal bolup biler.

Dispozitiw hukuk kadalary – öz hukuklarynyň we borçlarynyň häsiýeti hem-de göwrümi baradaky meseläni gatnaşyjylaryň (subýektleriň) özüniň çözmekligine ýöl berýän hukuk kadalardyr.

**Hukuk işiniň ähmiýeti** kärhanalarda, edaralarda gaty ulydyr. Sebäbi kärhanalaryň, edralaryň ýölbaşçylary hukuk namalaryny kabul etmek bilen hukuk kadalaryny ulanýarlar, durmuşa geçirýärler.

Hukuk işi hukuk hünäri ýa-ly öz hemmetaraplaýynlygy (uniwersallygy) bilen tapawutlandyrylýar. Hukuk işiniň hemmetaraplaýynlygy – bu onuň kärhananyň guramanyň diňe bir dolandyryş tarapy däl,.eýsem başga-da dürli-dürli taraplaryny öz işine gurşap alýandygynda.

Hukuk işini gurnamagynyň maksady – bu raýat hukuk pugdagyndaky ýygy-ýygy ýazylýan, duş gelýan, ulanylýan resminamalarynyň tejribede ýazmak tertibini, ulanylşyny öwrenmek, özleşdirmekdir.

**Hukuk işini gurnamak –** bu öňde duran meseleleri tiz we doly çözmek boýünça kadanamalary kabul etmekde, hukuk dolandyryşy gurnamakda kärhanalaryň , guramalaryň düzgünnamalaýýn guramaçylyk işini aňladýar.

**Hukuk işiniň gurnalmagynyň usullary:**

1. Hukugy ulanmak usuly bilen. Yökary guramaçylykly işini, tertip-düzgüni üpjün etmekde

***hukuk*** – jemgyýet gatnaşyklarynyň sazlaýjysy, ugrukdyryjysy höküminde wajyp orun tutýar. Hukuk - bu subýektiw düşünjede fiziki we hukuk taraplaryň özüni alyp barmaklygynyň bolup biläýjek hem-de mümkin ölçegi we görnüşidir. Hukuk – bu obýektiw düşünjede döwlet tarapyndan bellenilen umumy durmuş-üpjünçilik (sosial) kadalarynyň (özüňi alyp-barmaklygynyň düzgünleriniň) ulgamydyr. Hukuk 3 (üç) görnüşde durmuşa geçirilýär: 1. Berjaý etmek,

2. ýerine ýetirmek,

3. ulanmak. Ulanmak üsti bilen hukugyň talaplary we mümkinçilikleri durmuşa geçirilýar.

2. Hukuk we onuň dürli pugdaklary, özboluşly jemgyýet gatnaşyklarynyň sazlaýjylary bolup, kanunçylygyň berkitmegini we ykdysady syýasatynyň amala aşyrylmagyny üpjün etmelidirler.
3. Ýerli, belli bir ýere degişli (lokal) häsiýetli kadanamalaryň işläp tapmak we kabul etmek usuly bilen. Hukuk işiniň düzümli bölegi – bu lokal häsiýetli namalaryň (düzgünnamalaryň, standartlaryň , düzgünleriň we işe degişli resminamalaryň) işläp tapmak we kabul etmekdir. Edaralaryň, kärhanalaryň, guramalaryň ýölbaşçylarynyň görkezmeleri boýünça kanunçylygyň predpisaniýalaryny ýerine ýetirmek üçin lokal hukuk kadanamalary işläp tapylýar we kabul edilýär. Zähmet hakyndaky kanunlaryň Bitewi kanunynyň

esasynda kärhananyň ýölbaşçysy bilen işgärleriň arasynda toparlaýyn (kollektiw) şertnamalar baglaşylýar. Kärhananyň, guramanyň anyk şertlerini we zerurlyklaryny hasaba alyp, kärhananyň ykdysady we durmuş-üpjünçilik meseleleri boýünça kärhananyň dolandyryş bölümi bilen zähmetkeşler toparlarynyň arasynda kollektiw şertnamalary Zähmet hakyndaky kanunlaryň Bitewi kanunynyň esasynda kabul edilýar.

4. Zähmet şertnamasyny baglaşmak usuly bilen. Zähmet şertnamasy – bu wajyp hukuk serişdeleriniň biri bolup durýar. Zähmet şertnamasy hojalyk bähbitleri bilen raň bähbitlerini baglaşdyrýär, sazlaşdyrýär. Zähmet şertnamsy üsti bilen ýökary önümçilikli zähmet üçin gowy, ýökary şertler döredip hem üpjün edip bolýar. Hukuk serişdelerini ulanmak – bu işgärleriň zähmetini, işçi güýjini ýerlikli ulanmaga ýagşy tarapdan täsir edýär.

## §2. Hukuk gullugynyñ meseleleri.

**Hukuk gullugynyň esasy meseleleri:**

Kärhanalaryn, edaralaryň, ministerstwalaryň işinde bolup biläýjek hukukbozulmalaryň öňüni almak, duýdurmak we döwletde kanunçylygy berkitmek;

Kärhanalaryň, edaralaryň durmuş-üpjünçilik, ykdysady ösüşi boýunça geçirilýän çäreleriň hukuk üpjünçiligi barada çözülýan meselelerde işjeň gatnaşmak;

Şertnamalaýyn düzgünleri berjaý etmegiň, öndürilýän önümiň hilini ýokarlandyrmagynyň, zähmet tertip-düzgünini berkitmeguiniň, eýeçiligi aýap saklamagynyň hukuk serişdelerini (hukuk kadanamalaryny) berjaý etmek;

Kärhanalaryň, edaralaryň, zahmetkeşçileriň, işçileriň hukuklaryny we kanuny bähbitlerini goramak;

Zähmetkeşleriň hukuk terbiýesini ýerine ýetirmek.

## §3. Hukuk işi amala aşyrlanda hukuk gullygynyñ orny. Hukuk bölüminiñ esasy meseleleri , ministerstwanyñ, wedomstwanyñ, edaranyñ, guramanyñ, kärhananyñ hukuk maslahatçysy.

**Hukuk işi** – bu jemgyýetçilik önümçiligine hukugyň täsir edişini güýçlendirmek we kanunçylygy üpjün etmek maksatlaryna gönükdirilen, hukuk kadanamalary kabul etmek we hukugy durmuşa geçirmek işleriniň jemidir.

**Hukuk gullugy** - bu edaralarda, kärhanalarda kanunçylygy berjaý edilşine gözegçilik ýerine ýetirjiligini (funksiýasyny) amala aşyrýan hem-de kärhanalaryň, ministerstwalaryň bölümlerine we ýölbaşçylaryna kanunçylygy ulanmak meseleleri bilen baglanyşykly hukuk kömegini berýan; kanunçylygy wagyz edýan özbaşdak ýerine ýetirjilikli gullugydyr.

Hukuk işi amala aşyrlanda hukuk gullugynyň tutuýan orny gaty wajypdyr. Sebäbi her kärhanada, edarada, ministerstwada hukuk gullugy aýratyn bölümi hököminde ýa-da bir wezipe görnüşinde bardyr. Hukuk gullugy –

kärhananyň özbaşdak bölümidir, başga hiç bir bölümler bilen göşulanok, garyşanok, sebäbi hukuk gullugy göni kärhananyň ýölbaşçysyna tabyndyr.

**Hukuk bölüminiñ esasy meseleleri :**

1. Şertnamalaýyn düzgünleri berjaý etmegiň, öndürilýän önümiň hilini ýökarlandyrmagynyň, zähmet tertip-düzgünini berkitmeguiniň, eýeçiligi aýap saklamagynyň hukuk serişdelerini (hukuk kadanamalaryny) berjaý etmek;
2. Kärhanalaryň, edaralaryň, zahmetkeşçileriň, işçileriň hukuklaryny we kanuny bähbitlerini goramak;
3. Zähmetkeşleriň hukuk terbiýesini ýerine ýetirmek.

**Ministrligiñ, wedomstwanyñ, edaranyñ, guramanyñ, kärhananyñ hukuk maslahatçysy.**

Umumy düzgünnamanyň esasynda kärhananyň, edaranyň, guramanyň hukuk maslahatçysy wezipesine belleniýär we boşädylýar ýokarda duran guramanyň üsti bilen. Kärhananyň, edaranyň, guramanyň hukuk bölüminiň ştatynyň hukuk maslahatçysy wezipesine, kadadan çykma görnüşinde, şol kärhananyň ýölbaşçysynyň büýrugy esasynda işe kabul ediýär.

Hukuk maslahatçysy bolmak üçin hökman ýokary hukuk bilimli raýat bolmaly. Eger-de ýokary hukuk bilimi ýok bolan ýagdaýynda, onda üç ýyl hukuk işi bilen meşgullanyp, işlän bolmaly we gysga wagt arasynda geçirilýän ýörite hukuk okuwyny okan bolmaly. Daýhan birleşiklerinde, etraplarda hukuk maslahatçylar ýetmezçilik edýar. Şonuň üçin oba hojalygyň ýokary bilimli

hünärmenleri hukuk ugry boýunça ýörite okuwyny okap, oba hojalyk kärhanalarynda hukuk maslahatçy bolýarlar.

Hukuk gullugynyň işgärleri öňde goýulan meseleleri tiz we şowly çözmek üçin çüňňur hukuk bilimini artdyrmalydyr, utgaşdyrmalydyr. Işň esasy urlaryny şowly durmuşa geçirmek üçin hukuk gullugyna belli bir kesgitlenen hukuklar berilýar.

**Hukuk gullugynyň ygtyýarlary:**

1. Karhanalaryň, edaralaryň bütin özindäki we olaryň düzümli bölumlerindäki işlerinde kanunçylygyň berjaý edilşini barlamak;
2. Zerur wagtlarda ýölbaşçylardan we beýleki wezipeli adamlardan gerekli resminamalary talap etmek;
3. Ýolbaşçynyň razylygyny almak bilen, hukuk gullugy tarapyndan geçirilýan çärelere belli bir işgärleri kömek üçin işe goşmak (mysal üçin, lokal kadanamalaryň taslamalaryny taýýarlamak üçin; hukuk kadanamalaryň tejribede ulanylşyny wagyzlamak we baha bermek).

Hukuk gullugynyň borçlary hem edil hukuklary, ygtyýarlyklary ýaly kärhananyň, edaranyň işinden gelip çykýär.

**§4. Hukuk işini düzgünleşdirýän hukuk namalary. "Hukuk işini gurnamak" yorite dersiniñ ulgamy.**

Hukuk işini düzgünleşdirýän hukuk kada namalary:

1. Türkmenistanyň Zähmet Kodeksi. Agabat. 2009.;
2. Türkmenistanyň Raýat Kodeksi. Aşgabat. 1999.;
3. Türkmenistanyň Raýat prosesual Kodeksi. Aşgabat.1985.;
4. Her kärhanada, edarada öz aýratynlyklaryny göz öňünde tutup, kabul edilen hukuk gullugy hakynda düzgünnama;
5. Hukuk maslahatçynyň wezipeli borçlary hakyndaky düzgünnama (instruksiýa);
6. Kärhananyň içki zähmet tertibi baradaky düzgünler (prawila);
7. Kärhanada gulluk barlaglarynyň geçiriliş tertibi baradaky düzgünnama;
8. Doly maddy jogapkärçiligi baradaky ýazmaça şertnama;
9. Doly ýekebara (indiwidualnoy) we toparlaýyn maddy jogapkärçiligi baradaky Nusgalaýyn şertnama (Tipowoý dogowor).

**"Hukuk işini gurnamak" yorite dersiniñ ulgamy.**

**Hukuk işini gurnamak –** bu öňde duran meseleleri tiz we doly çözmek boýünça kadanamalary kabul etmekde, hukuk dolandyryşy gurnamakda kärhanalaryň , guramalaryň düzgünnamalaýýn guramaçylykly işini aňladýar.

**“Hukuk işini gurnamak” yorite dersiniñ ulgamy –** bu öňde duran meseleleri tiz we doly çözmek boýünça kadanamalary kabul etmekde, hukuk dolandyryşy gurnamakda kärhanalaryň , guramalaryň düzgünnamalaýyn guramaçylykly işini sazlaşdyrýan, düzgünleşdirýän hukuk kadalaryň jemidir.

## Tema 2: ”Hukuk gullugynyñ düzgünnamasy”.

### §1.Hukuk gullugynyñ işgärleriniñ hukuklary we borçlary.

**Hukuk gullugy** - bu edaralarda, kärhanalarda kanunçylygy berjaý edilşine gözegçilik ýerine ýetirjiligini (funksiýasyny) amala aşyrýan hem-de kärhanalaryň, ministerstwalaryň bölümlerine we ýölbaşçylaryna kanunçylygy ulanmak meseleleri bilen baglanyşykly hukuk kömegini berýan; kanunçylygy wagyz edýan özbaşdak ýerine ýetirjilikli gullugydyr.

**Hukuk gullugynyň ygtyýarlary:**

1. Karhanalaryň, edaralaryň bütin özindäki we olaryň düzümli bölumlerindäki işlerinde kanunçylygyň berjaý edilşini barlamak;
2. Zerur wagtlarda ýölbaşçylardan we beýleki wezipeli adamlardan gerekli resminamalary talap etmek;
3. Ýolbaşçynyň razylygyny almak bilen, hukuk gullugy tarapyndan geçirilýan çärelere belli bir işgärleri kömek üçin işe goşmak (mysal üçin, lokal kadanamalaryň taslamalaryny taýýarlamak üçin; hukuk kadanamalaryň tejribede ulanylşyny wagyzlamak we baha bermek).

Hukuk gullugynyň borçlary hem edil hukuklary, ygtyýarlyklary ýaly kärhananyň, edaranyň işinden gelip çykýär.

**Hukuk gullugynyň işgärleriniň borçlary:**

**1.** Kärhananyň, guramanyň, edaranyň ýolbaşçysyna gol çekdirmäge (tassyklamaga) berilýän hukuk häýeti resminamalaryň hereket edýän kanunçylygyna aýyk gelmegine hukuk gözegçiligi amala aşyrmaga;

**2.** Kärhananyň, guramanyň, edaranyň ýolbaşçysyna gelnen netijeleri we maglumatlary bermäge, Kärhananyň, guramanyň, edaranyň jogapkär wezipeli adamlaryna taýýarlanylýan ýa-da olar tarapyndan gelnen kararlaryň hereket edýän kanunçylygyna, ýokarda durýan başlyklaryň buýruklaryna we beýleki kadanamalaryna laýyk gelşi hakynda, şeýlede Kärhananyň, guramanyň, edaranyň düzümine girýan bölümleriň, Kärhananyň, guramanyň, edaranyň işgärleriniň we olaryň maşgala agzalarynyň hukuklaryny we kanuny bähbitlerini goramak meseleleri boýunça düşündirişleri bermäge;

**3.** Kärhananyň, guramanyň, edaranyň ştatdan daşarky hukuk maslahatlarynyň işini guramaga;

**4.** Tertip-düzgüni berkitmek we garawul gullugyny, şeýle-de, kärhanada, guramada, edarada tertip-düzgüni gowulandyrmak boýunça geçirilýän kärhana, gurama, edara çäreleriniň hukuk taýdan dogry guralşyny we geçirilşini üpjün etmäge gatnaşmaga;

**5.** Kärhanada, guramada, edarada hukuk köpçülikleýin okadyşlaryň guralyşyna we geçirilişine gatnaşmaga **borçludyr.**

Kärhana, edara, gurama ýolbaşçysynyň hukuk işleri boýunça kömekçisi (hukuk maslahatçysy) kärhananyň, guramanyň, edaranyň ýolbaşçysynyň we jogapkär wezipeli adamlarynyň işiniň hereket edýän kanunçylygyna, ýokarda durýan ýolbaşçylaryň buýruklaryna we beýleki hukuk kadanamalaryna laýyk gelmeginiň üpjün edilşine **jogap berýär.**

**§2.Hukuk gullygynyñ işgärleriniñ bellenilşi we işden boşadylşynyñ tertibi.**

Döwlet kärhanalarynyň, edaralarynyň, guramalarynyň hukuk gullugynyň işgärleri (hukuk maslahatçylary) Türkmenistanyň dürli pugdaklarynyň ministerstwalary tarapyndan degişli tabynlygyndaky kärhananyň, guramanyň, edaranyň ýolbaşçylarynyň hödürlemeleri boýünça kanun esasynda bellenilýärler we işden boşadylýarlar.

Hususy kärhanalarda, edaralarda, guramalarda hukuk gullugynyň işgärleri (hukuk maslahatçylary) göni şol kärhananyň, guramanyň, edaranyň ýolbaşçysy saýlap-seçip, kanun esasynda işe alýär we işden boşadýar.

<u>Hukuk gullygynyñ işgärleriniñ bellenilşi we işden boşadylşynyñ tertibi:</u>

1. Hukuk maslahatçysy bolmak üçin hökman ýokary hukuk bilimli raýat bolmaly;

2.Eger-de ýokary hukuk bilimi ýok bolan ýagdaýynda, onda üç ýyl hukuk işi bilen meşgullanyp, işlän bolmaly we gysga wagt arasynda geçirilýän ýörite hukuk okuwyny okan bolmaly. Daýhan birleşiklerinde, etraplarda hukuk maslahatçylar ýetmezçilik edýar. Şonuň üçin oba hojalygyň

ýokary bilimli hünärmenleri hukuk ugry boýunça ýörite okuwyny okap, oba hojalyk kärhanalarynda hukuk maslahatçy bolýarlar.

3.Umumy düzgünnamanyň esasynda kärhananyň, edaranyň, guramanyň hukuk maslahatçysy wezipesine belleniýär we boşädylýar ýokarda duran guramanyň üsti bilen. Kärhananyň, edaranyň, guramanyň hukuk bölüminiň ştatynyň hukuk maslahatçysy wezipesine, kadadan çykma görnüşinde, şol kärhananyň ýölbaşçysynyň büýrugy esasynda işe kabul ediýär.

4. Kärhananyň, edaranyň, guramanyň hukuk gullugynyň işgärleri (hukuk maslahatçylary) Türkmenistanyň Zähmet Kodeksiniň esasynda: 1.öz islegleri; 2. maşgala ýagdaýlary; 3. näsaglygy; 4.zähmet kanunçylygyny gödek bozanlygy;

5.zähmet şertnamasynyň şertlerini ýerine ýetirmedikleri -

şu sebäpler boýunça şol kärhananyň, edaranyň, guramanyň ýolbaşçysynyň buýrugy esasynda **işden boşadylýarlar.**

Hukuk gullugynyň işgärleri öňde goýulan meseleleri tiz we şowly çözmek üçin çüňňur hukuk bilimini artdyrmalydyr, utgaşdyrmalydyr. Işň esasy urlaryny şowly durmuşa geçirmek üçin hukuk gullugyna belli bir kesgitlenen hukuklar berilýar.

**§3.Adalat edaralarynyñ tarapyndan hukuk gullugynyñ usulyýet ýolbaşçylygynyñ ähmiýeti.**

Hukuk gullugyň hemmetaraplaýynly, çylşyrynly işinde Adalat ministrligi uly goldaw we kömek berýär. Türkmenistanyň Adalat ministrligi hukuk işiniň usulýet ýolbaşçylygyny amala aşyrýar. Bu usulýet ýolbaşçylygyň şekilleri, görnüşleri dürli-dürlidir. Bularyň içinde has ýerliklisi we ähmiýetlisi – bu Türkmenistanyň Adalat ministrliginiň beýleki döwlet edaralarynyň razylygy bilen işläp tapýan usulýet görkezmeleri ( metodiçeskiýe ukazaniýa) we usulyet hödürlemeleri (metodiçeskiýe rekomendasii). Bu namalar, kadanamalar ministerstwalar, wedomstwalar, kärhanalar, edaralar, guramalar üçin hökmanydyrlar we öňde goýulan çözülmeli meseleler boýünça amala aşyrylmaly hukuk işiniň iň tygşytly, ýerlikli ýollaryny görkezýärler.

Kärhanalaryň, edaralaryň işiniň dürli pudaklarynda hukuk gullugynyň gatnaşygy baradaky usulýet hödürlemeleri (metodiçeskiýe rekomendasii) – bu kärhanalaryň, edaralaryň içgi-guramaçylykly çäreleriniň esasy bolup çykyş edýärler. Ýerli, belli bir ýere degişli (lokal) kadanamalaryň kömegi bilen edaralarda, kärhanalarda, guramalarda dürli meseleleriň, soraglaryň çözülşiniň anyk tertip-düzgüni bellenilýär, tassyklanylýar. Şunuň bilen usulýet hödürlemeleriň many-mazmuny kesgitlenilýär. Mysal üçin, ýaramaz görnüşe gelen emlägi, bergileri, ýitgileri harytlaryň, önümleriň zaýälanmagyndan, ýetmezçilikleri kärhananyň aýlawynyň (balansynyň) sanawyndan çykarmakda kanunçylygyň talaplaryny berjaý edilşini üpjün etmek boýünça kärhanalaryň, edaralaryň,

guramalaryň ýerine ýetirýän işine hukuk gullugynyň gatnaşygy hakynda usulýet hödürlemeleri.

Bu geçirilýän çäreler hukuk işiniň derejesini beýgeldýär we onuň amala aşyrylşyna hukuk gullugynyň täsirini güýçlendirýar.

## Tema 3 :" Hukuk gullugynyñ işini meýilleşdirilişi".

### §1. Hukuk işini meýilnamalaşdyrylşynyñ tertibi.

**Hukuk işi** – bu jemgyýetçilik önümçiligine hukugyň täsir edişini güýçlendirmek we kanunçylygy üpjün etmek maksatlaryna gönükdirilen, hukuk kadanamalary kabul etmek we hukugy durmuşa geçirmek işleriniň jemidir.

Hukuklaryň has netijeli amala aşyrylmagy we borçlaryň ýerine ýetirilmegi üçin hukuk gullugy öz işini meýilleşdirmelidir. Bu bolsa bütin kärhanadaky, guramadaky hemme hukuk işiniň düzümli bölegi bolup çykyş edýär.

Meýilleşdirmek boýünça işi – bu ýerine ýetiriş möhletleriniň we oňa jogapkär adamlarynyň görkezmesi bilen düzülen işiň meýilnamasyndan ybaratdyr.

Işiň meýilnamasy şol kärhananyň, guramanyň düzümli bölümleriniň razylygy bilen düzilmelidir we kärhananyň, guramanyň, edaranyň ýölbaşçysy, dolandyryş bölümi habarly edilmelidir.

**Hukuk gullugy** - bu edaralarda, kärhanalarda kanunçylygy berjaý edilşine gözegçilik ýerine ýetirjiligini (funksiýasyny) amala aşyrýan hem-de kärhanalaryň, ministerstwalaryň bölümlerine we ýölbaşçylaryna

kanunçylygy ulanmak meseleleri bilen baglanyşykly hukuk kömegini berýan; kanunçylygy wagyz edýan özbaşdak ýerine ýetirjilikli gullugydyr.

Hukuk gullugynyň işiniň meýilnamalary – bu belli bir düzümli bölümde alynyp barylýän bütin işdolandyrylyşynyň, işýöredişiniň düzümli bölegi bolup çykyş edýärler. Iş dolandyryş (iş ýörediş) – bu kärhananyň, guramanyň, edaranyň çäklerinde hukuk işini anyk we tiz ýerine ýetirilmegine gönükdirilen kärhananyň, guramanyň, edaranyň resminamalaryny we depderçelerini aýap saklanmagynyň hem-de gurnalmagynyň bellenilen tertibidir.

Hukuk gullugynyň işdolandyryşynyň esasy - bu kanunçylygyň dürli pugdaklaryna degişli kadanamalaryň yzygiderli hasabaty we saklanylşydyr.

Kärhanada, guramada, edarada düzgünnamalaýyn iş bilen bagly meseleleri tiz we ýerlikli çözmek üçin hukuk gullugy şertnamalaýyn we nägillelik-talap işleri boýüňçä belli bir, kesgitlenen resminamalary bolmalydyr. Mysal üçin, kärhananyň, edaranyň öz we onuň kontragentleriniň şertnamalaýyn borçlarynyň ýägdaýlary şertnamalaýyn işi hasaba-alyş depderçesinde (žurnalynda) düzgünleşdirilýändir, sazlaşdyrylýandyr. Belli bir borçlaryň ýerine ýetirilşiniň derejesi boýünça hukuk gullugynyň kanun esasynda hukuk serişdelerini (nägillelikleri, talaplary) ulanyp, öz wagtynda hojalyk gatnaşyjylaryndan öz borçlaryny ýerine ýetirmegini talap etmäge mümkinçiligi ýüze çykyp bilýär. Nägillelik-talap işi bolsa, nägillelikleri we talaplary hasaba-alyş depderçesinde (žurnalynda) ýüze çykýar, ýöredilýär. Agzalyp geçilen

resminamalardan, depderçelerden başga-da hukuk gullugynyň işýöredişi iş hakynda hasabatlardan, hukuk işini umumylaşdyrmak işi boýunça netijelerden, maslahatlary hasaba-alyş depderçesinden (žurnalyndan), kazyýet-araçy işler boýunça resminamalardan we ş.m. ybaratdyr.

Kärhananyň, edaranyň, guramanyň belli bir düzümli bölüminiň işýöredişi , bar kadanamalaryň esasynda, onuň amala aşyrýan işiniň ugyrlaryna gabat gelýändir.

Görkezlen kadanamalaryň syn-berişi, hukuk gullugy işiniň hemme ugyrlarynda kärhananyň, guramanyň düzgünnamalaýyn we hojalyk işinde kanunçylygyň üpjün etmek maksady bilen gözegçilik ýerine-ýetirjiligini (funksiýasyny) amala aşyrýanydygyny görkezýär.

Hukuk gullygynyň ýölbaşça hökmany ýerine ýetirmeli görkezmeleri bermäge hukugy ýokdur.

## §2. Şertnamalaýyn iş. Şertnamalaryñ baglaşylmagynyñ tejribesini umumy- laşdyrmak. Şertnamalaryñ ýerine ýetirilşini barlamak we ony meýilleşdirmek.

Birleşmeleriň, kärhanalaryň önümçilik-hojalyk işinde iň esasy ähmiýetli tarapy – bu öz wagtynda meýilnamalaşdyrylan ýumuşlary we şertnamalaýyn borcnamalary ýerine ýetirmek. Kärhananyň, edaranyň öňde goýülan meseleleriniň cözülşiniň hasyllylygynda, peýdalylygynda hukuk işi ähmiýetli oruny eýeleýär; kärhanada, edarada, guramada içki-hojalyk gatnaşyklarynyň anyk kadalaşdyrylmagynyň, uruldyrylmagynyň, hojalyk şertnamalaryň baglaşmagy we ýerine ýetirmegi boýunca işiniň ýokary derejede gurnalmagynyň ähmiýeti ulydyr.

Şertnamalaýyn iş boýunça umumy ýolbaşçylyk ministrlikler (wedomstwalar) tarapyndan amala aşyrylýar. Ministrlikler (wedomstwalar) öz ulgamynda şertnamalaýyn işi gurnamak boýunca usulýet görkezmelerini işläp tapýarlar, hojalyk şertnamalaryny, şertnamalaýyn borcnamalaryň ýerine ýetirilmeginiň hasabyny öz wagtynda we dogry baglaşylmagyny üpjün etmek boýunça çäreleri kabul edýärler, şertnamalar boýünca ýerine ýetirilmese ýa-da talaba görä ýerine ýetirilmese täsir ediş ykdysadiýet çärelerini ulanýarlar.

**Şertnamalaryñ baglaşylmagynyñ tejribesini umumylaşdyrmak.**

Birikmelerde, kärhanalarda şertnamalaýyn işi gurnamak boýunca we ony amala aşyrylmagyny gözegcilik etmetde esasy borclar hukuk gullugynyň üstine ýüklenilýär. Beölümler bilen bilelikde hukuk gullugy kärhanalarda, edaralarda hojalyk şertnamalary baglaşylmagyny we görkezilen şertnamalary taýýarlamagyny gurnaýar. Aýratyn ministerstwalaryň käbir kärhanalarda ýorite şertnamalaýyn-hukuk bölümleri döredilýä. Bu bölüm önümcilik-hojalyk işiniň dolandyrylşy bilen bagly däl, kärhanalar bileb baglaşylýan hemme hojalyk şertnamalaryň saklanylşyna, hasabyna, düzülşine jogap cekýär.

Önümçilik we ylmy-önümçilik birikmelerde şertnmalaýyn işiniň aýratynlygy – bu onuň diňe gözegçilik ýerine-ýetirijiligini (funksiýasyny) amala aşyrmagynda we onuň doly merkezleşdirilen ýoly bilen gitmeýänliginde.

**Şertnamalaryñ ýerine ýetirilşini barlamak we ony meýilleşdirmek.** Şertnamalaýyyn resminamalaryň

şekilleri (nusgalary) local kadanamalary hüminde işläp-tapylýar. Bu nusgalaryň mazmuny geljekde düzüljek şertnamanyň şertlerini we rekwizitlaryny görkezýar. Şertnamanyň taslamasyny barlamak üçin hukuk maslahatçysy alandan soň, birinji bilen şu şertnamanyň mazmuny we şekili boýünça dogry düzülenligini barlamaly, soňra ony tassyklamaly. Kärhananyň hu- kuk maslahatçysy we kärhananyň ýolbaşçysy şertnamalaryň ýerine ýetirilşini barlamaly we ony meýilleşdirmelidirlar. Şertnamanyň taslamasynyň düzülşinde kärhananyň hukuk bülümi (hukuk maslahatçy) bellikler we ýalňyşlyklar tapandan soňra, bu şertnama nägililer teswirnamasy bilen düzülýär. Şertnamanyň ýerine ýetirilşi göni şertnamada görkezilşi ýaly ýerine ýetirilmeli.

**§3.Nägilelik we talap işi. Hukuk maslahatçynyñ beýleki gulluklar bilen arabaglaşygy we nägilelik-talap işini meýilleşdirmek**.

Hojalyk guramalaryň arasyndaky ykdysady gatnaşyklary özara bagly, garaşly maddy jogapkärçiligi ýörelgesinde esaslanýar. Hojalyk gatnaşyklarynyň herbir gatnaşyjysynyň öz şertnamalaýyn borçnamalaryny ýerlikli ýerine ýetirmegini maddy jogapkärçiligi ykdysadyýet çäreleriniň täsiri bilen sazlaşdyrylýar. Özara bagly, garaşly maddy jogapkärçiligi ýörelgesiniň üpjün edilmegi nägilelik-talap işiniň durmuşa geçirilmegi bilen amala aşyrylýar. Nägilelik-talap işiniň esasy wezipesi hojalyk gatnaşyjylaryň, kärhanalaryň bozulan hukuklaryny dikeltmekden we olaryň kanuny bähbitlerini gorap üpjün etmekden ybaratdyr.

Hojalyk işi döwründe gatnaşyjylaryň arasyndaky dörän aragatnaşyklarynyň arasynda nägilelikler ýüze çykyp bilýar. Bu nägilelikler hojalyk jedelleri diýilip atlandyrylýar.

Öz mazmuny boýunça hojalyk jedelleri birnäçe görnüşlere bölünýär,

1. Hojalyk şertnamalary baglaşmak we bes etmek bilen bagly jedeller.

2. Şertnamalaryn we beýleki borçnamalaryň ýerine ýetirilmegi bilen bagly jedeller.

3. Beýleki esaslar bilen ýüze çylýan jedeller.

Hukuk maslahatçynyñ beýleki gulluklar bilen arabaglaşygy gaty ýakyk, sebäbi hukuk maslahatçy kärhananyň beýleki gulluklaryna kanunçylygyň esaslaryny düşündirmeli, edarada öňde goýülan wezipeler tiz çözülmegi üçin hukuk maslahatçy hemme mümkinçililkleri ulanmaly, şäertnamalarda göýberilen ýalňýşlyklary beýleki gulluklara düşündirmeli, geljekde gaýtalanmazlygy üçin.

Hukuk maslahatçy nägilelik-talap işini meýilnamalaşdyrmaly. Nägilelik-talap işiniň birinji wezipesi – bu hukuk maslahatçysy kärhananyň işgärlerine olaryň hukuklaryny we borçlaryny, Türkmenistanyň kanunçylygyny düşündirmeli, soňra öz bozulan hukuklaryny nädip dikeldip bolýalygyny, olaryň möhletlerini, ýazylyş şekillerini, şertlerini maslahat bermeli.

**§4. Eýeçiligi aýap saklamak boýunça işi meýilleşdirmek. Tebigy çig mallaryny ýerlikli peýdalanmagyny we daşky gurşawyny goramagynyñ meýilleşdirilişi.**

Eýeçiligi aýap saklamak boýünça işi meýilleşdirmek – bu kärhananyň maddy baýlyklaryny hukuk namalarynyň üsti bilen goralşyny gurnamak. Bunuň hukuk işi hukuk bozulmalaryny duýdurmagyna, kanunçylygyň bozulanlygy barada ýagdaýlary ýüze çykarmagyna, hukuk jogapkärçiligiň çärelerini zerur ýerlerde ulanylmagyna gönükdirilen bolmaly.

**Tebigy çig mallaryny ýerlikli peýdalanmagyny we daşky gurşawyny goramagynyñ meýilleşdirilişi.**

Hukuk gullugy tebigaty goramak işinde wajyp orny tutýar, öňde goýulan wezipeleri çözýär. Bu wezipeler:

1.Fiziki we hukuk şahslar, tebigat bilen peýdalanýan kärhanalar tarapyndan tebigaty goraýjy kanunçylygynyň bozulmagyny duýdurmak.

2.Fiziki we hukuk şahslaryň kanuny bähbitlerini , bozulan hukuklaryny goramak.

Tebigat bilen peýdalanmak hukugynyň ýüze çykmagynyň esaslaryna degişli talaplary birkemsiz berjaý etmek – bu tebigatygoraýjy kanunçylygynyň bozulmalaryny duýdurmaga esasy şertleriniň biridir.

Tebigat bilen peýdalanmak hukugyny ýüze çykarýan esas bolup hukuk nama çykyş edýär. Mysal üçin, ýer peýdalanmaga berilen pursatynda ýer bilen peýdalanmak hakynda döwlet edaralary tarapyndan çözgüt çykarylýär.

**§5. Zähmet kanunçylygyny berjaý etmekligini üpjün etmek boýunça işini meýilleşdirmek.**

Hukuk işiniň iň bir wajyp gönükdirmeleriniň biri – bu zähmet hakyndaky kanunçylygynyň berjaý edilşini üpjün etmekden ybaratdyr.

Zähmet gatnaşyklarynyň hukuk düzgünleşdirilşiniň, sazlaşygynyň derejesi kärhanalaryň, edaralaryň, bütin hojalyk işiniň hiline hasylly täsir edýär.

Hukuk gullugynyň işiniň hasyllygy, netijelligi kesgitlenen, belli bir kärhanada , guramada onuň ýerine ýetirijiliginiň anyk düzgünleşdirilşine, sazlamaklygyna baglydyr. Bunuň üçin ýörite nama oýlap-tapmak zerurdyr. Bu namada hukuk gullugynyň hukuklary, borçlary kärhananyň, edaranyň beýleki bölümleri bilen onuň aragatnaşyklary barada jikme-jik aýdylmalydyr.

**§6. Işgärleriñ hukuk terbiýesi we hukuk wagyzlygy boýunça işini meýilleşdirmek.**

Işçileriñ hukuk tebiýesi we hukuk wagyzlygy boýunça işini meýilleşdirmek – bu hukuk gullugynyň borçlarynyň biri bolup çykyş edýär.

**Hukuk gullugy** - bu edaralarda, kärhanalarda kanunçylygy berjaý edilşine gözegçilik ýerine ýetirjiligini (funksiýasyny) amala aşyrýan hem-de kärhanalaryň, ministrlikleriñ bölümlerine we ýolbaşçylaryna kanunçylygy ulanmak meseleleri bilen baglanyşykly hukuk kömegini berýan; kanunçylygy wagyz edýan özbaşdak ýerine ýetirjilikli gullugydyr.

**Hukuk gullugynyň ygtyýarlary:**

1.Karhanalaryň, edaralaryň bütin özindäki we olaryň düzümli bölumlerindäki işlerinde kanunçylygyň berjaý edilşini barlamak;

2.Zerur wagtlarda ýölbaşçylardan we beýleki wezipeli adamlardan gerekli resminamalary talap etmek;

3.Ýolbaşçynyň razylygyny almak bilen, hukuk gullugy tarapyndan geçirilýan çärelere belli bir işgärleri kömek üçin işe goşmak (mysal üçin, lokal kadanamalaryň taslamalaryny taýýarlamak üçin; hukuk kadanamalaryň tejribede ulanylşyny wagyzlamak we baha bermek).

Hukuk gullugynyň borçlary hem edil hukuklary, ygtyýarlyklary ýaly kärhananyň, edaranyň işinden gelip çykýär.

**Hukuk gullugynyň işgärleriniň borçlary:**

**1.**Kärhananyň, guramanyň, edaranyň ýolbaşçysyna gol çekdirmäge (tassyklamaga) berilýän hukuk häýeti resminamalaryň hereket edýän kanunçylygyna aýyk gelmegine hukuk gözegçiligi amala aşyrmaga;

**2.**Kärhananyň, guramanyň, edaranyň ýolbaşçysyna gelnen netijeleri we maglumatlary bermäge, Kärhananyň, guramanyň, edaranyň jogapkär wezipeli adamlaryna taýýarlanylýan ýa-da olar tarapyndan gelnen kararlaryň hereket edýän kanunçylygyna, ýokarda durýan başlyklaryň buýruklaryna we beýleki kadanamalaryna laýyk gelşi hakynda, şeýlede Kärhananyň, guramanyň, edaranyň düzümine girýan bölümleriň, Kärhananyň, guramanyň, edaranyň işgärleriniň we olaryň maşgala agzalarynyň

hukuklaryny we kanuny bähbitlerini goramak meseleleri boýunça düşündirişleri bermäge;

**3.**Kärhananyň, guramanyň, edaranyň ştatdan daşarky hukuk maslahatlarynyň işini guramaga;

**4.**Tertip-düzgüni berkitmek we garawul gullugyny, şeýle-de, kärhanada, guramada, edarada tertip-düzgüni gowulandyrmak boýunça geçirilýän kärhana, gurama, edara çäreleriniň hukuk taýdan dogry guralşyny we geçirilşini üpjün etmäge gatnaşmaga;

**5.**Kärhanada, guramada, edarada hukuk köpçülikleýin okadyşlaryň guralyşyna we geçirilişine gatnaşmaga **borçludyr.**

Kärhana, edara, gurama ýolbaşçysynyň hukuk işleri boýunça kömekçisi (hukuk maslahatçysy) kärhananyň, guramanyň, edaranyň ýolbaşçysynyň we jogapkär wezipeli adamlarynyň işiniň hereket edýän kanunçylygyna, ýokarda durýan ýolbaşçylaryň buýruklaryna we beýleki hukuk kadanamalaryna laýyk gelmeginiň üpjün edilşine **jogap berýär.**

Işçileriñ hukuk tebiýesi we hukuk wagyzlygy boýunça işini meýilnama- laşdyrmak – bu hukuk gullugynyň iň bir zerur we wajyp işleriniň biri bolup, her ýylyň başynda Işçileriñ hukuk tebiýesi we hukuk wagyzlygy boýunça meýilnama düzmeli, soňra kärhananyň ýolbaşçysyna görkezip tassyklatmaly. Kärhananyň ýolbaşçysy bolsa her üç aýdan şu meýilnamanyň esasynda hukuk maslahatçynyň işçileriñ hukuk tebiýesi we hukuk wagyzlygy boýunça işini barlamaly. Işçileriñ hukuk terbiýesini we hukuk wagyzlygyny berjaý etmek maksady bilen kärhananyň,

edaranyň hukuk maslahatçysy aýratyn depderçe ýöretmeli we şu işe degişli hasabatlary ýazmaly, kärhanada hukuk köpçülikleýin okadyşlaryny geçirmeli, döwletde täze kabul edilen kanunlar, kararlar bilen işçileri tanyşdyrmaly, hukuk derejesinde düşündirmeli, hukuk bozulmalaryň öňüni almak üçin, kanunlaryň, kärhananyň düzgünnamasynyň kadalaryny jikme-jik düşündirmeli hem-de şu hukuk kadalaryň bozulaýan ýagdaýlarynda ňähili derejedäki jogapkärçiligine çekilýändigini we nähili kada temmisi (kadanyň sanksiýasy) ulanyljaklygyny aýdyp geçmeli.

## Tema 4 :”Kanunçylygy berkitmek boýunça hukuk gullugynyñ işi”.

**§1. Lokal häsiýetli hukuk namalary kabul etmeklikde hukuk gullugynyñ gatnaşygy.** Zähmet tertip-düzgünini berkitmek boýünça hukuk gullugynyñ işi. Zähmet hakyndaky buýruklaryñ, kararlaryñ we beýleki dolandyryş namalarynyñ taslamalarynyñ kanuna laýyklygyny barlamak.

Hukuk işiniň iň bir wajyp gönükdirmeleriniň biri – bu zähmet hakyndaky kanunçylygynyň berjaý edilşini üpjün etmekden ybaratdyr.

**Hukuk gullugy** - bu edaralarda, kärhanalarda kanunçylygy berjaý edilşine gözegçilik ýerine ýetirjiligini (funksiýasyny) amala aşyrýan hem-de kärhanalaryň, ministerstwalaryň bölümlerine we ýölbaşçylaryna kanunçylygy ulanmak meseleleri bilen baglanyşykly hukuk kömegini berýan; kanunçylygy wagyz edýan özbaşdak ýerine ýetirjilikli gullugydyr.

**Hukuk gullugynyň ygtyýarlary:**

1.Karhanalaryň, edaralaryň bütin özindäki we olaryň düzümli bölumlerindäki işlerinde kanunçylygyň berjaý edilşini barlamak;

2.Zerur wagtlarda ýölbaşçylardan we beýleki wezipeli adamlardan gerekli resminamalary talap etmek;

3.Ýolbaşçynyň razylygyny almak bilen, hukuk gullugy tarapyndan geçirilýan çärelere belli bir işgärleri kömek üçin işe goşmak (mysal üçin, lokal kadanamalaryň taslamalaryny taýýarlamak üçin; hukuk kadanamalaryň tejribede ulanylşyny wagyzlamak we baha bermek).

Hukuk gullugynyň borçlary hem edil hukuklary, ygtyýarlyklary ýaly kärhananyň, edaranyň işinden gelip çykýär.

**Hukuk gullugynyň işgärleriniň borçlary:**

**1.** Kärhananyň, guramanyň, edaranyň ýolbaşçysyna gol çekdirmäge (tassyklamaga) berilýän hukuk häýeti resminamalaryň hereket edýän kanunçylygyna aýyk gelmegine hukuk gözegçiligi amala aşyrmaga;

**2.** Kärhananyň, guramanyň, edaranyň ýolbaşçysyna gelnen netijeleri we maglumatlary bermäge, Kärhananyň, guramanyň, edaranyň jogapkär wezipeli adamlaryna taýýarlanylýan ýa-da olar tarapyndan gelnen kararlaryň hereket edýän kanunçylygyna, ýokarda durýan başlyklaryň buýruklaryna we beýleki kadanamalaryna laýyk gelşi hakynda, şeýlede Kärhananyň, guramanyň, edaranyň düzümine girýan bölümleriň, Kärhananyň, guramanyň, edaranyň işgärleriniň we olaryň maşgala agzalarynyň

hukuklaryny we kanuny bähbitlerini goramak meseleleri boýunça düşündirişleri bermäge;

**3.** Kärhananyň, guramanyň, edaranyň ştatdan daşarky hukuk maslahatlarynyň işini guramaga;

**4.** Tertip-düzgüni berkitmek we garawul gullugyny, şeýle-de, kärhanada, guramada, edarada tertip-düzgüni gowulandyrmak boýunça geçirilýän kärhana, gurama, edara çäreleriniň hukuk taýdan dogry guralşyny we geçirilşini üpjün etmäge gatnaşmaga;

**5.** Kärhanada, guramada, edarada hukuk köpçülikleýin okadyşlaryň guralyşyna we geçirilişine gatnaşmaga **borçludyr.**

Kärhana, edara, gurama ýolbaşçysynyň hukuk işleri boýunça kömekçisi (hukuk maslahatçysy) kärhananyň, guramanyň, edaranyň ýolbaşçysynyň we jogapkär wezipeli adamlarynyň işiniň hereket edýän kanunçylygyna, ýokarda durýan ýolbaşçylaryň buýruklaryna we beýleki hukuk kadanamalaryna laýyk gelmeginiň üpjün edilşine **jogap berýär.**

Zähmet gatnaşyklarynyň hukuk düzgünleşdirilşiniň, sazlaşygynyň derejesi kärhanalaryň, edaralaryň, bütin hojalyk işiniň hiline hasylly täsir edýär.

Hukuk gullugynyň işiniň hasyllygy, netijelligi kesgitlenen, belli bir kärhanada , guramada onuň ýerine ýetirijiliginiň anyk düzgünleşdirilşine, sazlamaklygyna baglydyr. Bunuň üçin ýörite nama oýlap-tapmak zerurdyr. Bu namada hukuk gullugynyň hukuklary, borçlary kärhananyň, edaranyň beýleki bölümleri bilen onuň aragatnaşyklary barada jikme-jik aýdylmalydyr.

Lokal häsiýetli hukuk namalary kabul etmek we işläp tapmak – bu hukuk gullugynyñ iň bir wajyp wezipeleriniň biridir. Jemgyýet gatnaşyklary, hukuk sazlaşygynyň predmeti bolup, onuň usulyýetini kesgitleýär. Hukuk sazlaşygynyň usulýeti bu jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň belli bir pudagynyň hukuk täsiriniň usullaryna, şertlerine aýdylýar. Hukuk sazlaşygynyň esasy magistral usulýetleri – bu imperatiw, haçanda hukuk urukdurjylyk ýokardan pese amala aşyrylýar, we dispozitiw.haçanda jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň gatnaşyjylaryň hereketleri koordinasiýanyň esasynda kesgitlenende. Lokal kadanamalary we esasy (umumy we pugdaklaýyn) kadanamalary bilen jeminde zähmet gatnaşyklarynyň hukuk sazlaşygynyň hukuk esasy bolup çykyş edýärler. Lokal namalaryň kadalary esasy kadanamalaryň hukuk kadalaryna garşy gelmeldäldir. Türkmenistanyň hereket edýän kanunçylygynyň esasynda kesgitlenen karhananyň, edaranyň şertlerine we wezipelerine ulanylýan hukugyň umumy kadasyny anyk we jikme-jik düşündirmek maksady bilen local kadanama işläp tapylýar we kabul edilýär.

Zähmet tertip-düzgünini berkitmek boýünça hukuk gullugy kärhanada her bir işgär bilen işberijiniň (kärhananyň ýolbaşçysynyň) arasynda zähmet şertnamasynyň taslamasyny düzýär we iki tarapyňam hukuklaryny, borçlaryny kesgitläp görkezýär. Bu taslama tassyklanandan soňra zähmet şertnamasy düzülýär. Kärhanada hojalyk işi has guramaçylykly geçmegi üçin hukuk maslahatçy kollektiw şertnamasyny düzýär. Işçileriň hukuk terbiýesini we hukuk wagyzlygyny berjaý etmek maksady bilen kärhananyň, edaranyň hukuk maslahatçysy aýratyn depderçe ýöretmeli we şu işe degişli hasabatlary ýazmaly,

kärhanada hukuk köpçülikleýin okadyşlaryny geçirmeli, döwletde täze kabul edilen kanunlar, kararlar bilen işçileri tanyşdyrmaly, hukuk derejesinde düşündirmeli, hukuk bozulmalaryň öňüni almak üçin, kanunlaryň, kärhananyň düzgünnamasynyň kadalaryny jikme-jik düşündirmeli hem-de şu hukuk kadalaryň bozulaýan ýagdaýlarynda ňähili derejedäki jogapkärçiligine çekilýändigini we nähili kada temmisi (kadanyň sanksiýasy) ulanyljaklygyny aýdyp geçmeli.

Zähmet hakyndaky buýruklaryñ, kararlaryñ we beýleki dolandyryş namalarynyñ taslamalarynyñ kanuna laýyklygyny kärhananyň ýolbaşçysy, hukuk maslahatçysy barlaýarlar. Kärhananyň, edaranyň hukuk maslahatçysy her gün döwletimisde täze kabul edilýan kanunlaryň göçürmelerini ýygnamaly we işçileri tanyşdyrmaly, zähmet hakyndaky buýruklaryñ, kararlaryñ we beýleki dolandyryş namalarynyñ taslamalarynyñ mazmuny, şertleri kanuna laýyklygyny anyk barlamaly, yzygiderli gözegçilik etmeli. Işçileriñ hukuk tebiýesi we hukuk wagyzlygy boýunça işini meýilleşdirmek – bu hukuk gullugynyň iň bir zerur we wajyp işleriniň biri bolup, her ýylyň başynda Işçileriñ hukuk tebiýesi we hukuk wagyzlygy boýunça meýilnama düzmeli, soňra kärhananyň ýolbaşçysyna görkezip tassyklatmaly. Kärhananyň ýolbaşçysy bolsa her üç aýdan şu meýilnamanyň esasynda hukuk maslahatçynyň işçileriñ hukuk tebiýesi we hukuk wagyzlygy boýunça işini barlamaly.

**§2. Şertnamalaryñ baglaşylmagynda we taýýarlamagynda, hem-de kärhanalarda zähmet tertip-düzgünini berkitmek boýünça guramaçylyk işleriniñ amala aşyrylmagynda we işläp-tapmakda hukuk maslahatçynyñ gatnaşygy. Işçileriñ saglygyna kärhana bilen şikes ýetirmek bilen bagly resminamalaryñ düzülşinde kömek. Hormatly dynç alyş rugsat bilen bagly işleriniñ düzülşinde kömek bermek.**

Şertnamalaryñ baglaşylmagynda we taýýarlamagynda, hem-de kärhanalarda zähmet tertip-düzgünini berkitmek boýünça guramaçylyk işleriniñ amala aşyrylmagynda we işläp-tapmakda hukuk maslahatçynyñ gatnaşygy – bu onuň esasy borçlarynyň biridir. Zähmet tertip-düzgünini berkitmek boýünça hukuk gullugy kärhanada her bir işgär bilen işberijiniň (kärhananyň ýolbaşçysynyň) arasynda zähmet şertnamasynyň taslamasyny düzýär we iki tarapyňam hukuklaryny, borçlaryny kesgitläp görkezýär. Bu taslama tassyklanandan soňra zähmet şertnamasy düzülýär. Kärhanada hojalyk işi has guramaçylykly geçmegi üçin hukuk maslahatçy kollektiw şertnamasyny düzýär. Işçileriň hukuk terbiýesini we hukuk wagyzlygyny berjaý etmek maksady bilen kärhananyň, edaranyň hukuk maslahatçysy aýratyn depderçe ýöretmeli we şu işe degişli hasabatlary ýazmaly, kärhanada hukuk köpçülikleýin okadyşlaryny geçirmeli, döwletde täze kabul edilen kanunlar, kararlar bilen işçileri tanyşdyrmaly, hukuk derejesinde düşündirmeli, hukuk bozulmalaryň öňüni almak üçin, kanunlaryň, kärhananyň düzgünnamasynyň kadalaryny jikme-jik düşündirmeli hem-de şu hukuk kadalaryň bozulaýan ýagdaýlarynda ňähili derejedäki

jogapkärçiligine çekilýändigini we nähili kada temmisi (kadanyň sanksiýasy) ulanyljaklygyny aýdyp geçmeli.

**Işçileriñ saglygyna kärhana bilen şikes ýetirmek bilen bagly resminamalaryñ düzülşinde kömek.** Eger-de işçilerin saglygyna iş wagty, kärhananyň meýdanynda kärhana bilen şikes ýetirilse, onda kärhananyň hukuk maslahatçysy gulluk derňewini geçirýär, işçiniň saglygyna şikes ýetirilenligi barada nama düzýär. Bu namanyň esasynda işçiniň saglygyna şikes ýetirenligi üçin kärhana bu işgäriň hassahanada doly bejeriş almagyny, iş wagty ýetirilen zyýanyň öwezini dolmagyny üpjün etmeli. Hukuk maslahatçy syrkow işgäre kärhananyň düzgünnamasynyň esasynda saglyga şikes ýetirlen wagtynda onuň hukuklaryny, borçlaryny düşündirmeli hem-de bu ýagdaýa degişli hemme resminamalary düzmeli. .

**Pensiýa bilen bagly işleriniñ düzülşinde kärhananyň hukuk maslahatçysy ýolbaşçysyna kömek bermeli.** Hukuk maslahatçy hormatly dynç alyş rugsada gidýän işgäre degişli resminamalary, mysal üçin, işe kabul edilenligi baradaky buýrugyň göçürmesini, işiniň mazmuny bilen bagly resminamalaryny ýygnamaga, soňra düzmäge we hormatly dynç alyş rugsadabarýan işçiniň hukuklaryny, borçlaryny düşündirmäge borçludyr.

### §3. Zähmet hakyndaky kanunçylygyny wagyz etmek – bu zähmet tertip-düzgünini berkitmeginiñ wajyp şertidir.

Zähmet hakyndaky kanunçylygyny wagyz etmek – bu hukuk gullugynyň iň bir zerur we wajyp işleriniň biri bolup, her ýylyň başynda işçileriñ hukuk tebiýesi we hukuk

wagyzlygy boýunça meýilnama düzmeli, soňra kärhananyň ýolbaşçysyna görkezip tassyklatmaly. Kärhananyň ýolbaşçysy bolsa her üç aýdan şu meýilnamanyň esasynda hukuk maslahatçynyň işçileriñ hukuk tebiýesi we hukuk wagyzlygy boýunça işini barlamaly. Işçileriň hukuk terbiýesini we hukuk wagyzlygyny berjaý etmek maksady bilen kärhananyň, edaranyň hukuk maslahatçysy aýratyn depderçe ýöretmeli we şu işe degişli hasabatlary ýazmaly, kärhanada hukuk köpçülikleýin okadyşlaryny geçirmeli, döwletde täze kabul edilen kanunlar, kararlar bilen işçileri tanyşdyrmaly, hukuk derejesinde düşündirmeli, hukuk bozulmalaryň öňüni almak üçin, kanunlaryň, kärhananyň düzgünnamasynyň kadalaryny jikme-jik düşündirmeli hem-de şu hukuk kadalaryň bozulaýan ýagdaýlarynda ňähili derejedäki jogapkärçiligine çekilýändigini we nähili kada temmisi (kadanyň sanksiýasy) ulanyljaklygyny aýdyp geçmeli.

Hukuk işine syn bermegiň we netijelerine baha bermegiň netijeleri hukuk işiniň çylşyrymly , gowşak ýagdaýlaryny kesgitlemäge, çözmäge mümkinçilik döredýär.Bu ýagdaýlarda hukuk wagyzlygy ulanmak we düşündirmek, zähmet kanunçylygyny düşündirmek gereklidir. Bu maksat bilen hukuk gullugy geçirjek çäreleriň meýilnamasyny işläp tapmalydyr. Geçiriljek çäreleri – umumy sapaklary okadylşyndan, hukuk mowzugy boýunça geçirilmeli ylmy maslahatlardan, söhbet sapaklardan, hukuk goraýjy edaralaryň wekilleri bilen duşuşüklary gurnamakdan ybaratdyr.

**§4. Hukuk bozulmalaryñ duýdurmagynda kärhanalaryñ jemgyýetçilik guramalary bilen we beýleki gulluklar bilen hukuk maslahatçynyñ aragatnaşygy. Hukuk gullugynyñ hukuk-terbiýeçilik işi. Hukuk-terbiýeçilik işiniñ şekilleri we usullary.**

Kärhananyň beýleki bölümleri bilen we beýleki jemgyýetçilik guramalary bilen hukuk gullugynyň geçirýän düzgün-nyzamynyň ýagdaýyny barlamak we umumylaşdyrmak bilen bagly geçirilýän çäreleri zähmet düzgün-nyzamyny berkitmekde uly orny tutýar. Bu geçirilýän işiň netijeleri boýunça degişli kepilnamalar, teswirnamalar düzülýär. Bu resminamalar zähmet düzgün-nyzamyny berkitmek uçin geçirilýän netijelli, hasylly göreşini has gowy gurnamak we kämilleşdirmek üçin çäreleri geçirmek maksady bilen kärhananyň ýölbaşçysyna hödürlenýär. Zähmet hakyndaky kanunçylygynyň berjaý etmek ýagdaýyna umumy baha bermek uçin bu iş geçirilmeli.

Zähmet düzgün-nyzamyny berkitmekde we zähmet hakyndaky kanunçylygy berjaý etmekde hukuk işini gurnamaklyk zähmet düzgün-nyzamyny bozýanlara ulanyp bolýan hukuk serişdeleriniň birnäçesi hödürlenýär. Ýokary zähmet düzgün-nyzamy jemgyýetçilik önümçiligini beýgeltmäge esas bolup çykyş edýar. Türkmenistanyň Zähmet hakyndaky kanunlar Bitewi kanunynyň 168-nji maddasynda zähmet düzgün-nyzamynyň bozulmagy çin berilýän temmiler görkezilen. Kärhananyň administrasiýasy zähmet düzgün-nyzamynyň bozulmagy uçin şu aşakdaky düzgün-nyzam temmilerini ulanýar:

1. tabşyryp goýmak;

2. käýinç bermek;
3. berk käýinç bermek;
4. işden çykarmak (39-nji maddanyň 1-nji).

Türkmenistanyň kanunçylyk namalarynda, düzgün-nyzam hakyndaky ustawlarda we düzgünnamalarda işgärleriň aýry-aýry derejeleri uçin başga düzgün-nyzam temmileri hem göz öňünde tutulyp bilner.

Düzgün-nyzam temmisi ulanylanda edilen etmişiň agyr-ýeňilligi, onuň nähili ýagdaýda edilendigi, işgäriň şol wakadan öňki tertip-düzgüni, onuň işe garaýşy nazarda tutulmalydyr. Birnäce kärhanalaryň, guramalaryň tejribesi boýünça işe alynýan raýatlaryň işe girende gerekli resminamalary düzülmedik ýagdaýlarynda bu raýaty işe almazlyk we göýbermezlik barada gadaganediji buýruk çykarmak dogry diýmek bolýar. Zähmet kanunçylygynyň beýleki soraglaryna degişli buýürjy namalaryň (rasporýaditelnyýe aktlaryň) çykarylşy kanun esasynda bolmaly; kärhananyň hukuk gullugy bolsa onuň kanunlylygyny we esaslylygyny barlap gözegçilik etmeli.

Indiwidual-hukuk namalaryň kömegi bilen zähmet şertnamanyň taraplary rugsat beriş çällerinde biri-biriniň ylalaşygy bilen zähmetiň indiwidual şertleri berkidilýär, tassyklanylýar. Zähmet şertnamanyň taraplarynyň ylalaşygy bilen zähmetiň (hukuk-terbiýeçilik işiniñ) birnäçe şertleri, usullary bellenilýär:

1. doly däl iş wagty;
2. kärleriň (wezipeleriň) sazlaşygy;
3. iş wagtynyň dowamlylygyny üýtgedip alynmagy;
4. iş hakyny saklaman zähmet rugsadyny bermek;
5. üç ýaşdan on dört ýäşa çenli çagaly (on alty şa çenli maýyp çagaly) aýallary iş wagtyndan daşary işe

çekmegi we olary zähmet uradyşyna ibermegi çäklendirmek

6. göwreli aýallary hýeňil işe geçirmek;
7. çagany naharlamak üçin arakesmeler;
8. on sekiz ýaşa ýetmedik işgärleri gijeki işlere we iş wagtyndan daşary işlere çekmegi gadagan etmek;
9. göwreli açagaly aýallar işe kabul edilen mahalyndaky kepillendirmeler hem-de olary işden çykarmagyň gadaganlygy;
10. bir ýarym ýaşa ýetmedik çagaly aýallary başga işe geçirmek we ş.m.

**§5. Hukuk-terbiýeçilik işiniñ şekilleri:**

1. hojalyk şertnamalaryny baglaşmak pugdagyndaky alynyp barylýan hukuk-terbiýeçilik işi,

2. nägilelik-talap işi;

3. zähmet düzgün-nyzamyny berkitmekde we zähmet hakyndaky kanunçylygy berjaý etmekde alynyp barylýan hukuk-terbiýeçilik işi;

4. tebigaty goramakda we onuň baýlyklaryny netijeli, hasylly peýdalanmagyny, ulanmagyny üpjün etmekde alynyp barylýan hukuk-terbiýeçilik işi.

**§6. Hukuk-terbiýeçilik işiniñ usullary:**

1. buýruk berme (predpisaniýe) usuly. Mysal üçin: zähmet gatnaşyklary pugdagynda rayat bilen zähmet şertnamasy baglaşylandan soňra, buýruk esasynda işe kabul edilýär. Işçi zähmet düzgün-nyzamyny bozandan soň temmi çäresi buýruk esasynda bellenilýär;

2. ylalaşmak usuly. Mysal üçin: kärende şertnamasy ylalaşyk esasynda baglaşylýär;

3. öz-özüňi düzetme (samoregulirowaniýe) usuly. Hukuk düzetme – bu döwletiň hukuk kadalarynyň kömegi bilen jemgyýetçilik gatnaşyklaryna täsir edişi. Öz-özüňi düzetme – bu öz kärhananyň içinde hukuk düzetmesini özbaşdak gurnamak. Mysal üçin: kärhananyň ýolbaşçysy tarapyndan ýygnak geçirip, her işgäriň hukuklaryny, borçlaryny, wezipelerini bellemek we her işgäriň ýerine ýetiren işini yzygiderli gözegçilik edip, barlamak, eger işgär tarapyndan ýalňyşlyk göýberlen bolsa, onda bu ýetmezçiligi düzedip, dogry ýoluna urukdyrmaly, umumylaşdyrmaly, düşündirmeli. Kärhananyň ýolbaşçysynyň bu işinde hukuk maslahatçynyň hem uly ýardam bermegine borçlydyr.

4.maslahat berilýän, hödürlenýän (rekomendatelnyý) usuly. Mysal üçin, işgäriň gowy zähmet çekenligi üçin sylaglamaga hödürlemek.

## Tema 5:“Şertnamalaýyn gatnaşyklary berkitmek boýunça hukuk işi”.

### §1. Potratçylyk şertnamasyny, daşaýyş şertnamasyny taýýarlamakda, baglaşmakda we ýerine ýetirmekde hukukçynyñ gatnaşygyna umumy häsiýetnama.

Kärhanalaryň, birikmeleriň hojalyk işiniň dürli pudaklarynda emläkleýin gatnaşyklarynyň hukuk şekili (formasy) höküminde hojalyk şertnamalarynyň ähmiýeti hemişe ösýär we Garaşsyz Türkmenistanyň ykdysady, durmuş üpjünçilik kämilleşmeginde häzirki zaman şertlerinde gaty beýik , wajypdyr. Hojalyk şertnamalarynyň talaplaryna laýyklykda hojalyk guramalarynyň kabul eden borçlarynyň anyk we birkemsiz ýerine ýetirilmegi – bu hojalyk meýilnamalarynyň şowly amala aşyrylmagynyň bir

şertidir. Şertnamalaýyn işiniň umumy ýolbaşçylygy ministerstwalar (wedomstwalar) tarapyndan amala aşyrylýar. Bu iş boýunça ministerstwalaryň (wedomstwalaryň) ygtyýarlary:

1. ministrlikleriň ulgamyndaky şertnamalaýyn işiniň gurnalmagy boýünça usulýet buýurmalaryny, buýruklaryny işläp-tapmak;
2. hojalyk şertnamalarynyň öz wagtynda we dogry baglaşmagyny üpjün etmek boýunça dürli çäreleri kabul etmek;
3. şertnamalar boýünça borçlarynyň talaba laýyk däl ýerine ýetirilişi üçin we ýerine ýetirilmedik üçin ykdysady çärelerini ulanmak.

Birikmelerde, kärhanalarda şertnamalaýyn işiniň gurnalşy boýunça esasy borçlary hukuk gullugy ýerine ýetirmeli. Kärhananyň beýleki bölümleri bilen birlikde hukuk gullugy kärhanadaky hojalyk şertnamalary baglaşmak boýunça işi gutnaýar; baglaşylmaly şertnamalary taýýarlaýyş işinde gatnaşýar.

17. 07. 1998-nji ýylda kabul edilen Türkmenistanyň Raýat Kodeksiniň 650-nji maddasynda potratçylyk şertnamasynyň mazmuny beýan edilen. Potratçylyk şertnamasyna görä potratçy şertnamada göz öňünde tutulan iş ýerine ýetirmegi botç edinýär, müşder (zakazçy) bolsa potratça ylalaşylan haky tölemäge borçludyr.

Zadyň ýasalmagy ýa-da üýtgedilmegi, şeýle hem işiň ýerine ýetirilmegi ýa-da hyzmatyň edilmegi arkaly gazanylan gayry netije şertnamanyň mazmuny bolup biler. Potratçylyk bilen baglanyşykly smeta düzülmegine, eger

ylalaşykda başga hili bellenilmedik bolsa , hak tölenilmän bilner.

17 .07. 1998-nji ýylda kabul edilen Türkmenistanyň Raýat Kodeksiniň 650-nji maddasyndan 680-nji maddasyna çenli (Potratçylyk şrtnmasyna düşünje; hak; çykdajylar smetasynyň artdyrylmagy; potratçynyň işi hut özüniň ýerine ýetirmek borjy; müşderiň ýardam etmegi; potratçynyň girew goýmak hukugy; gurluşuk işleri ýerine ýetirilen mahalynda üpjünçilik ipotekasy; müşderň şertnamany ýatyrmak hukugy; işleri kemçiliksiz ýerine ýetirmek borjy; kemçilikleri düzetmek; kemçilikleri düzetmek möhleti, şrtnamany ýatyrmak ýa-da haky azaltmak; işleri potratçynyň önümlerinden bitirmek; duýdurmak borjy; hak tölemek; işi kabul etmek; kepillendirme; jogapkärçiligi şertnama esasynda aradan aýyrmak; töwekgelçiligi bölmek; müşderiň jogapkärçiligi) potratçylyk şertnamasyna bagyşlanan.

17. 07. 1998-nji ýylda kabul edilen Türkmenistanyň Raýat Kodeksiniň 680-nji maddasyndan 709-njy maddasyna çenli daşaýyş şertnamasyna bagyşlanan.

17. 07. 1998-nji ýylda kabul edilen Türkmenistanyň Raýat Kodeksiniň 680-nji maddasynyň esasynda daşaýyş şertnamasy boýunça daşaýjy bellenilen ýerine ýüki eltmäge ýa-da ýolagçylary äkitmäge botçludyr.

Kärhananyň hukuk gullugy we önümiň taýarlaýyşyny hem-de üpjün edilşini gurnamak bilen göniden-göni bagly kärhananyň şahamçalary, bölümleri şertnamany baglaşmak üçin we onuň resminamalarynyň ýokary hilli düzülşine we ýerine ýetirilmegine jogap çekýärler.

**§2. Beýleki şertnamalary taýýarlamakda we baglaşmakda hukuk maslahatçynyñ gatnaşygy. Şertnamalaryñ we şertnamalaýyn gatnaşyklary düzgunleşdirýän beýleki hukuk kadanamalarynyñ meseleleri boýunça kanunçylygy hakynda kärhanalaryñ, guramalaryñ wezipeli adamlaryna habar bermek.**

Şertnamalaýyn işiniň uly bir aýratynlygy – bu onuň ýerli, belli bir ýere degişli (lokal) kadanamalaryna esaslanýandygyndadyr. Ýerli kadanama diýmek – şrtnamalaýyn işi bilen meşgullanýan kärhanalaryň gös-göni özi bilen kabul edilýän kadanamalarydyr. Ýerli kadanamalar şertnamalar hakyndaky ummy düzgünnamany gaýtalamaýar, bu ýerde baglaşylýä şertnama gös-göni degişli, ownuldan hemme ýagdaýlar, işler, möhletler çözülýär. Ýerli ,lokal kadanamalar düzgünnama, buýruk şekilleri esasynda kabul edilýär, çykarylýar. Birnäçe kärhanalarda hojalyk şertnamalaryň baglaşmak tertibi bir däl-de birnäce hukuk kadanamalary bilen düzgünleşdirilýär. Tejribäniň görkezişi ýä-ly şertnamalaýyn işi boýünça hemme hukuk kadalaryny bir hukuk kadanamada jemlenilse has netijeli bolardy, sebäbi şertnamalaýyn işi birnäçe kadanamalarda sazlaşdyrylsa, onda bu buýruklary, kadanamalary tejribede ulanmak kyn boljak we garşy gelýän ýa-da gabat gelmeýän kadalary ulanmak kyn boljak ýa-da ýalňyşlyklar döredip biljek.

Şertnamalaýyn işi boýunça ýerli kadanamalaryň taslamalaryny şertnamalaýyn işini alyp barýan kärhananyň bölümleri , bähbidi bar bölümleri hem-de hökmany suratda kärhananyň hukuk gullugy taýýarlaýarlar we işläp tapýarlar. Hukuk gullugy – iň hereketçil we esasy

gatnaşyjysy bolmaly, sebäbi ol kadanamada hukuk soraglarynyň, wezipeleriniň dogry goýulmagyna , düzülmegine jogap çekýär. Kärhananyň hukukçysy şertnama baglaşylmanka, şertnamanyň gatnaşyjylary bilen taýýarlaýyş işini, maslahat beriş işini geçrmeli. Bunuň üçin ýörite sapaklaryny gurnamaly. Bu sapaklarda hukuk maslahatçy Türkmenistanyň kanunçylygyny , aýratyn hem şertnamalaýyn işine degişli kanunçylygyny jikme-jik düşündirmeli; hojalyk şertnamalarynyň dory baglaşylmagyny we ýerlikli, öz wagtynda ýerine ýetirilmegini; tejribede ulanylşyny düşündirmeli.Şu maksady bilen, Türkmenistanyň kanunçylygyny ulanmak boýunçä hukuk gullugy nutuklarynyň, bildirişleriniň, umumy sapaklarynyň beýanyny işläp tapmaly we hukuk sowatyna, bilimine hojalyk ýolbaşçylaryny öwretmek üçin maksatnamalaryny, meýilnamalaryny düzmeli. Hukuk maslahatçynyň şertnamalaýyn işnde gatnaşygy wagtlaýyn däl, hemişelik häsuýetlidir. Hukuk maslahatçy hojalyk işine gatnaşýan kärhananyň işgärlerini diňe belli bir hukuk kadanamalary bilen tanyşdyryp goýmeldäidir, şeýle hem şertnamalaýyn işe degişli resminamalary, ýerli, lokal kadanamalary taýýarlamakda netijeli gatnaşmaly we ýokary hilli gurnamaly. Hukuk maslahatçy kärhananyň hemme hukuk kadanamalaryny görmäge,; barlamaga; bu iş boýünça öz belliklerini we tekliplerini aýtmaga; alyp baran hojalyk işiniň tejribesine esaslanyp, ýüze çykan ýagdaýlar boýünça öz hasylly çözgütlerini teklip etmäge botçlydyr. Türkmenistanyň Adalat Ministrliginiň görkezmesi boýunça, şertnamalar baglaşylanda we dürli hukuk kadanamalary gözden geçirlende hukuk gullugynyň işgäri bu kadanamalarda bikanun şertleriniň ,düzgünleriniň

bellenilenligini hökman barlamaly we ýüze çykaryp, çäre görmeli. Hukuk maslahatçynyň anyk we kanuna laýyk hukuk kadanamalary barlandan soňra, bu resminamalar hukuk gullugy tarapyndan tassyklanýar.

## Tema 6 :”Nägilelik-talap işi”.

### §1. Nägilelikleriñ bildirmeginiñ we düzülşiniñ tertibi. Nägilelikleriñ bildirilmeginiñ we garalmagynyñ möhletleri.

Hojalyk guramalaryň arasyndaky ykdysady gatnaşyklary özara bagly, garaşly maddy jogapkärçiligi ýörelgesinde esaslanýar. Hojalyk gatnaşyklarynyň her bir gatnaşyjysynyň öz şertnamalaýyn borçnamalaryny ýerlikli ýerine ýetirmegini maddy jogapkärçiligi ykdysadyýet çäreleriniň täsiri bilen sazlaşdyrylýar. Özara bagly, garaşly maddy jogapkärçiligi ýörelgesiniň üpjün edilmegi nägilelik-talap işiniň durmuşa geçirilmegi bilen amala aşyrylýar.Nägilelik-talap işiniň esasy wezipesi hojalyk gatnaşyjylaryň, kärhanalaryň bozulan hukuklaryny dikeltmekden we olaryň kanuny bähbitlerini gorap üpjün etmekden ybaratdyr.

Hojalyk işi döwründe gatnaşyjylaryň arasyndaky dörän aragatnaşyklarynyň arasynda nägilelikler ýüze çykyp bilýar.Bu nägilelikler hojalyk jedelleri diýilip atlandyrylýar

Öz mazmuny boýunça hojalyk jedelleri birnäçe görnüşlere bölünýär,

1. Hojalyk şertnamalary baglaşmak we bes etmek bilen bagly jedeller.
2. Şertnamalaryn we beýleki borçnamalaryň ýerine ýetirilmegi bilen bagly jedeller.

3. Beýleki esaslar bilen ýüze çylýan jedeller.

Hukuk maslahatçynyñ beýleki gulluklar bilen arabaglaşygy gaty ýakyk, sebäbi hukuk maslahatçy kärhananyň beýleki gulluklaryna kanunçylygyň esaslaryny düşündirmeli, edarada öňde goýülan wezipeler tiz çözülmegi üçin hukuk maslahatçy hemme mümkinçililkleri ulanmaly, şäertnamalarda göýberilen ýalňýşlyklary beýleki gulluklara düşündirmeli, geljekde gaýtalanmazlygy üçin.

Hukuk maslahatçy nägilelik-talap işini meýilnamalaşdyrmaly. Nägilelik-talap işiniň birinji wezipesi – bu hukuk maslahatçysy kärhananyň işgärlerine olaryň hukuklaryny we borçlaryny, Türkmenistanyň kanunçylygyny düşündirmeli, soňra öz bozulan hukuklaryny nädip dikeldip bolýalygyny, olaryň möhletlerini, ýazylyş şekillerini, şertlerini maslahat bermeli.

Eger jedel iki sany hukuk şahslaryň (kärhanalaryň) arasynda dörän bolsa, onda hukuk maslahatçy 1998-nji ý. kabul edilen Türkmenistanyň Araçy Prosessual Kodeksiniň, 17.07. 1998-nji ý. kabul edilen Türkmenistanyň Raýat Kodeksiniň, 1991 ý. kabul edilen we 1993 ý., 2009ý. üýtgeşme, goşmaça girizilen telekeçilik işi hakyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň, 2000 ý. kabul edilen Kärhanalar hakyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň, gatnaşyjy-kärhanalaryň düzgünnamalarynyň, öz aralarynda baglaşylan hojalyk şertnamalarynyň esasynda ýüze çykan jedeliň çözüliş tertibini, ýazylmaly we ýygnanmaly resminamalaryň sanawyny, olaryň ýazylmaly tertibini, we möhletini görkezmeli, maslahat bermeli.

Yüze çykan jedeliň kärhana-gatnaşyjylara Garaşsyz döwletimiz ylalaşykly, hemmetaraplaýyn, optimal

görnüşinde, tiz, kanuna laýyk çözülmegine mümkinçilik berýär. Şonuň üçin hem hukuk şanslaryň arasynda dörän jedeli başda bir kärhana ikinji kärhana(borçlaryny wagtynda ýerine ýetirmedik ýa-da kanunçylygy bozan kärhana) öz nägileligini ýazmaça görnüşinde jedeli ýerlikli çözmek boýunça bir aý möhletiň içinde iberýär, soňra ikinji kärhana birinjä ýerlikli, ylalaşyp jedeli çözmek boýünça bir aý möhletiň içinde birinji kärhananyň iberen nagileligine jogap ibermeli, eger oňa nägilesi bolsa, onda garşylyklaýyn nägileligini uratmaly. Umumy iki aýyň içinde nägilelik döwüri ýerine ýetirilmeli. Nägilelik döwüri geçen soň, iki kärhana jedelini çözüp bilmedik ýagdaýlarynda bu kärhanalaryň Türkmenistanyň Araçy Kazyýetine dörän jedeli çözmek boýünça ýüz tutmaga hukuklary döreýär, sebäbi Türkmenistanyň Arbitraž Kazyýetinde ýüze çykan jedelli çözmek üçin onuň öňünden hökman nägilelik döwüri geçirilmeli. Şu hereketler ýerine ýetirilenden soňra ylalaşmadyk hukuk şaslar kanunda bellenilen tertip boýünça Türkmenistanyň Arbitraž Kazyýetinde öz aralarynda dörän jedeli özip bilýärler.

Nägilelik döwründede, Türkmenistanyň Arbitraž Kazyýetinde jedel çözülen wagtyndada kärhanalaryň hukuk maslahatçylary kazyýet wekilleri bolup çykyş edip bilýärler, öz kärhanasynyň bähbitlerini gorap, işe degişli subutnamalary, esasan ýazmaça subutnamalary ýygnap, araçy kazyýete hödürläp bilýärler, öz kärhanasynyň ýölbaşçysyna bolup geçýän ýagdaýlar barada habar bermäge borçludyr. .

1998-nji ýylda kabul edilen Türkmenistanyň Arbitraž Prosessual Kodeksiniň, 17.07.1998-nji ýylda kabul edilen

Türkmenistanyň Raýat Kodeksiniň esasynda dörän jedel boýunça ýazylmaly nägilelikleriň şekili, mazmuny we tertibi görkezilen.

Nägilelik ýazmaça görnüşinde bolmaly.

**Nägilelikde görkezilmeli:**

1. Nägileligi bildiren kärhananyň, edaranyň, guramanyň ady we nägilelik bildirilen kärhananyň, edaranyň, guramanyň ady;
2. nägilelik bildirilmeginiň esaslary, ýagdaýlary, şu ýagdaýlary tassyklaýan subutnamalar, dörän jedele degişli kadanamalaryň maddalary;
3. arzaçynyň talaplary;
4. eger pul bilen bagly bolsa, onda nägileligiň tölenilmeli möçberi;
5. nägileligiň ýanyna çatylmaly resminamalaryň, subutnamalaryň sanawy.

Nägileligiň ýanyna çatylmaly resminamalaryň asyl nusgalarynda, hakyky görnüşinde bolmaly. Nägileligiň taslamasy kärhananyň hukuk gullugy bilen düzülmeli we kanunda bellenilen möhletinde doldurylmaly.

1998-nji ý. kabul edilen Türkmenistanyň Araçy prosesual Kodeksiniñ, 17. 07. 1998-nji ý. kabul edilen Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň Türkmenistanyň Raýat Bitewi kanunynyň esasynda hukuk şahslaryň arasynda dörän jedel boýunça talap möhleti 3 (üç) ýyl, bu möhlete nägilelik döwri hem girýär, talap bilen Türkmenistanyň Arbitraž Kazyýetine ýüz tutup bolýan möhlet hem.

**§2.Talaplaryñ bildirilmeginiñ we düzülşiniñ tertibi. Talaplaryñ bildirilmeginiñ we garalmagynyñ möhletleri.**

1998-nji ýylda kabul edilen Türkmenistanyň Arbitraž Prosessual Kodeksiniň, 1.07.1964-nji ýylda kabul edilen we 1.03.1985-nji ýylda üýtgetmeler we goşmaçalar girizilen Türkmenistanyň Raýat Prosesual Kodeksiniň esasynda talaplaryñ bildirilmeginiñ we düzilşiniñ tertibi, talaplaryñ bildirilmeginiñ we garalmagynyñ möhletleri görkezilen.

Talap arza ýazmaça görnüşinde bildirilýär. Talap arzasynda şu aşakdakylar görkezilmeli;

1. arza berilýän Kazyýetiň ady;
2. talapkäriň ady, onuň ýerleşýän ýeri, eger arza wekil tarapyndan berilýän bolsa, onda wekiliň ady, onuň salgysy;
3. talapkäriň öz talabyny esaslandyrýan ýagdaýlary we talapkäriň beýan eden ýagdaýlaryny tassyklaýan subutnamalar;
4. talapkäriň talaby;
5. eger talap baha berilmäge degişli bolsa, onda talabyň bahasy;
6. arzanyň ýanyna goşulýan resminamalaryň sanawy.

Talap arzasyna talapkär ýa-da onuň wekili tarapyndan gol çekilýär. Wekil tarapyndan berilen talap arzasynyň ýanyna ynanç haty ýa-da wekiliň ygtyýarlygyny tassyklaýan başga bir resminama goşulmaly.

17.07.1998-nji ýylda kabul edilen Türkmenistanyň Raýat Kodeksiniň esasynda talap ediş möhleti üç ýyl, şunuň esasynda hukuk bozulma ýüze çykan wagtyndan başlap üç ýylyň dowamynda nägilelik bildirip bolýär, talap bilen Türkmenistanyň Araçy kazyýetine ýüz tutup bolýär.

1998-nji ýylda kabul edilen Türkmenistanyň Araçy Prosessual Kodeksiniň, 1.07.1964-nji ýylda kabul edilen we 1.03.1985-nji ýylda üýtgeşmeler we goşmaçalar girizilen Türkmenistanyň Raýat Prosesual Kodeksiniň esasynda kabul edilen talap Arbitraž kazyýetinde 37 günüň içinde seljerilýär, iş seljerilenden soňra iki kärhanada degişli çözgüt we hersine aýratynlykda degişli buýruklar çykarylýar.

**§3. Nägilelikler boýunça işi alyp barmak we gurnamak, nägilelikler işi boýunça kärhananyñ beýleki düzimli bölümleriniñ (maliýe bölüminiñ, harytlary ýerleşdirmek boýunça bölüminiñ we ş.m.) işiniñ usulýet ýolbaşçylygyny amala aşyrmak. Nägilelikler boýunça işini umumylaşdyrmak we ony kämilleşdirmek boýunça täze teklipleri işläp-tapmak.**

Nägilelikler boýunça işi alyp barmaga we gurnamaga kärhananyň hukuk maslahatçysy borçly we jogap çekýär. Hukuk maslahatçy kärhananyň ýolbaşçysyna we işgärlerine nägilelikleriň düzüliş tertibini, möhletlerini, ähmiýetini düşündirmeli.

Nägilelikler boýünça işi alyp barmaga we gurnamaga kärhananyň hukuk maslahatçysy geçiren hukuk işine syn bermegi, kanunçylygy wagyzlamaga, umumylaşdyryş işini geçirmäge hökmandyr.

Syn bermek işi – bu hukuk gullugy tarapyndan kesgitlenen möhletde kärhanada geçirilen hukuk işine baha bermek, alyp barylan işleriň netijelligini görkezmek, ýalňyşlyklaryny ýüze çykarmak.

Hukuk işine syn bermegiň we netijelerine baha bermegiň, umumylaşdyryş işiniň netijeleri hukuk işiniň

çylşyrymly , gowşak ýagdaýlaryny kesgitlemäge, çözmäge mümkinçilik döredýär. Bu ýagdaýlarda hukuk wagyzlygy ulanmak, düşündirmek, umumylaşdyrmak zähmet kanunçylygyny düşündirmek gereklidir.

Kanunçylygy wagyzlamak – bu Türkmenistanyň kanunçylygyny bilmek ähmiýetliligini, durmuşuň dürli pudaklarynda ýöredilýän işlerinde zerurlygyny köpçülige, märekä hukuk gullugy tarapyndan düşündirmek.

Kanunçylygy umumylaşdyryş işi – bu kanunçylygy wagyz etmegiň netijesidir.

## Tema 7: “Kärhananyñ işiniñ ykdysady görkezijilerini ýokarlandyrmak maksady bilen hukuk serişdelerini ulanmak boýunça hukuk gullugynyñ guramaçylyk işi”.

### §1. Kärhanalaryñ işiniñ ykdysady görkezijilerini ýokarlandyrmak boýunça hukuk gullugynyñ çäreleri.

**Hukuk gullugy** - bu edaralarda, kärhanalarda kanunçylygy berjaý edilşine gözegçilik ýerine ýetirjiligini (funksiýasyny) amala aşyrýan hem-de kärhanalaryň, ministerstwalaryň bölümlerine we ýölbaşçylaryna kanunçylygy ulanmak meseleleri bilen baglanyşykly hukuk kömegini berýan; kanunçylygy wagyz edýan özbaşdak ýerine ýetirjilikli gullugydyr.

**Hukuk gullugynyň ygtyýarlary:**

1. Karhanalaryň, edaralaryň bütin özindäki we olaryň düzümli bölumlerindäki işlerinde kanunçylygyň berjaý edilşini barlamak;

4. Zerur wagtlarda ýölbaşçylardan we beýleki wezipeli adamlardan gerekli resminamalary talap etmek;

5. Ýolbaşçynyň razylygyny almak bilen, hukuk gullugy tarapyndan geçirilýan çärelere belli bir işgärleri kömek üçin işe goşmak (mysal üçin, lokal kadanamalaryň taslamalaryny taýýarlamak üçin; hukuk kadanamalaryň tejribede ulanylşyny wagyzlamak we baha bermek).

Hukuk gullugynyň borçlary hem edil hukuklary, ygtyýarlyklary ýaly kärhananyň, edaranyň işinden gelip çykýär.

**Hukuk gullugynyň işgärleriniň borçlary:**

**1.**Kärhananyň, guramanyň, edaranyň ýolbaşçysyna gol çekdirmäge (tassyklamaga) berilýän hukuk häýeti resminamalaryň hereket edýän kanunçylygyna aýyk gelmegine hukuk gözegçiligi amala aşyrmaga;

**2.**Kärhananyň, guramanyň, edaranyň ýolbaşçysyna gelnen netijeleri we maglumatlary bermäge, Kärhananyň, guramanyň, edaranyň jogapkär wezipeli adamlaryna taýýarlanylýan ýa-da olar tarapyndan gelnen kararlaryň hereket edýän kanunçylygyna, ýokarda durýan başlyklaryň buýruklaryna we beýleki kadanamalaryna laýyk gelşi hakynda, şeýlede Kärhananyň, guramanyň, edaranyň düzümine girýan bölümleriň, Kärhananyň, guramanyň, edaranyň işgärleriniň we olaryň maşgala agzalarynyň hukuklaryny we kanuny bähbitlerini goramak meseleleri boýunça düşündirişleri bermäge;

**3.**Kärhananyň, guramanyň, edaranyň ştatdan daşarky hukuk maslahatlarynyň işini guramaga;

**4.**Tertip-düzgüni berkitmek we garawul gullugyny, şeýle-de, kärhanada, guramada, edarada tertip-düzgüni gowulandyrmak boýunça geçirilýän kärhana, gurama, edara çäreleriniň hukuk taýdan dogry guralşyny we geçirilşini üpjün etmäge gatnaşmaga;

**5.**Kärhanada, guramada, edarada hukuk köpçülikleýin okadyşlaryň guralyşyna we geçirilişine gatnaşmaga **borçludyr.**

Kärhana, edara, gurama ýolbaşçysynyň hukuk işleri boýunça kömekçisi (hukuk maslahatçysy) kärhananyň, guramanyň, edaranyň ýolbaşçysynyň we jogapkär wezipeli adamlarynyň işiniň hereket edýän kanunçylygyna, ýokarda durýan ýolbaşçylaryň buýruklaryna we beýleki hukuk kadanamalaryna laýyk gelmeginiň üpjün edilşine **jogap berýär.**

Hukuk gullugy – iň hereketçil we esasy gatnaşyjysy bolmaly, sebäbi ol kadanamada hukuk soraglarynyň, wezipeleriniň dogry goýulmagyna , düzülmegine jogap çekýär.

<u>Kärhanalaryñ işiniñ ykdysady görkezmelerini ýokarlandyrmak boýunça hukuk gullugynyñ çäreleri:</u>

1. Kärhananyň hukukçysy şertnama baglaşylmanka, şertnamanyň gatnaşyjylary bilen taýýarlaýyş işini, maslahat beriş işini geçrmeli. Bunuň üçin ýörite sapaklaryny gurnamaly. Bu sapaklarda hukuk maslahatçy Türkmenistanyň kanunçylygyny , aýratyn hem şertnamalaýyn işine degişli kanunçylygyny jikme-jik düşündirmeli; hojalyk şertnamalarynyň dory baglaşylmagyny we ýerlikli, öz wagtynda ýerine ýetirilmegini; tejribede ulanylşyny düşündirmeli.

2. Türkmenistanyň kanunçylygyny anyk we dogry ulanmak boýunçä hukuk gullugy nutuklarynyň, bildirişleriniň, umumy sapaklarynyň beýanyny işläp tapmaly we hukuk sowatyna, bilimine kärhanalaryň, guramalaryň ýolbaşçylaryny öwretmek üçin maksatnamalaryny, meýilnamalaryny düzmeli.

3. Hukuk maslahatçynyň kärhanalaryñ işiniñ ykdysady görkezmelerini ýokarlandyrmak boýunça gatnaşygy wagtlaýyn däl, hemişelik häsuýetlidir.
4. Gatnaşýan kärhananyň işgärlerini diňe belli bir hukuk kadanamalary bilen tanyşdyryp goýmeldädir, şeýle hem kärhanalaryñ işiniñ ykdysady görkezmelerini ýokarlandyrmak boýunça işe degişli resminamalary, ýerli, lokal kadanamalary taýýarlamakda netijeli gatnaşmaly we ýokary hilli gurnamaly.
5. Hukuk maslahatçy kärhananyň hemme hukuk kadanamalaryny görmäge; barlamaga; bu iş boýünça öz belliklerini we tekliplerini aýtmaga; alyp baran işiniň tejribesine esaslanyp, ýüze çykan ýagdaýlar boýünça öz hasylly çözgütlerini teklip etmäge botçlydyr.
6. Türkmenistanyň Adalat Ministrliginiň görkezmesi boýunça, şertnamalar baglaşylanda we dürli hukuk kadanamalary gözden geçirlende hukuk gullugynyň işgäri bu kadanamalarda bikanun şertleriniň ,düzgünleriniň bellenilenligini hökman barlamaly we ýüze çykaryp, çäre görmeli. Hukuk maslahatçynyň anyk we kanuna laýyk hukuk kadanamalary barlandan soňra, bu resminamalar hukuk gullugy tarapyndan tassyklanýar.

**§2. Karhanada bolup biljek hukuk bozulmalaryñ öñüni almak boýunça geçirilýän işlerinde hukuk maslahatçynyñ orny we ähmiýeti. Kärhananyñ maliýe-hojalyk işiniñ netijeleri boýunça teklipleri işläp-tapmakda hukuk maslahatçynyñ gatnaşygy.**

Kärhanada bolup biljek hukuk bozulmalaryň öňüni almak boýunça gaçirilýän işlerinde hukuk maslahatçy kärhanalaryñ işiniñ ykdysady görkezmelerini ýokarlandyrmak bilen bagly geçirýän çärelerinde, zähmet

düzgün-nyzamyny berkitmekde wajyp orny tutýar we uly ähmiýeti bar. Bu geçirilýän işiň netijeleri boýunça degişli kepilnamalar, teswirnamalar düzülýär. Bu resminamalar kärhanalaryñ işiniñ ykdysady görkezmelerini ýokarlandyrmak üçin, zähmet düzgün-nyzamyny berkitmek uçin geçirilýän netijelli, hasylly göreşini has gowy gurnamak we kämilleşdirmek üçin çäreleri geçirmek maksady bilen kärhananyň ýölbaşçysyna hödürlenýär. Zähmet hakyndaky kanunçylygynyň berjaý etmek ýagdaýyna umumy baha bermek uçin bu iş geçirilmeli.

. Kärhanalaryñ işiniñ ykdysady görkezijilerini ýokarlandyrmak üçin , ilki bilen, kärhanada zähmet düžgün-nyzamyny berkitmeli we zähmet hakyndaky kanunçylygy berjaý etmeli.

Zähmet düzgün-nyzamyny berkitmekde we zähmet hakyndaky kanunçylygy berjaý etmekde hukuk işini gurnamaklyk zähmet düzgün-nyzamyny bozýanlara ulanyp bolýan hukuk serişdeleriniň birnäçesi hödürlenýär. Ýokary zähmet düzgün-nyzamy jemgyýetçilik önümçiligini beýgeltmäge esas bolup çykyş edýar. 1.10.1993 ý. Senä çenli girizilen üýtgetmeler we goşmaçalar bilen çap edilen Türkmenistanyň Zähmet hakyndaky kanunlar Bitewi kanunynyň IX bapy ( Md.Md. 131-143) zähmet düzgün-nyzamyna bagyşlanan.

Türkmenistanyň Zähmet hakyndaky kanunlar Bitewi kanunynyň 139-njy maddasynda zähmet düzgün-nyzamynyň bozulmagy çin berilýän temmiler görkezilen. Kärhananyň administrasiýasy zähmet düzgün-nyzamynyň bozulmagy uçin şu aşakdaky düzgün-nyzam temmilerini ulanýar:

1. tabşyryp goýmak;

2. käýinç bermek;
3. berk käýinç bermek;
4. işden çykarmak

Türkmenistanyň kanunçylyk namalarynda, düzgün-nyzam hakyndaky ustawlarda we düzgünnamalarda işgärleriň aýry-aýry derejeleri uçin başga düzgün-nyzam temmileri hem göz öňünde tutulyp bilner.

Düzgün-nyzam temmisi ulanylanda edilen etmişiň agyr-ýeňilligi, onuň nähili ýagdaýda edilendigi, işgäriň şol wakadan öňki tertip-düzgüni, onuň işe garaýşy nazarda tutulmalydyr.

Birnäce kärhanalaryň, guramalaryň tejribesi boýünça işe alynýan raýatlaryň işe girende gerekli resminamalary düzülmedik ýagdaýlarynda bu raýaty işe almazlyk we göýbermezlik barada gadaganediji buýruk çykarmak dogry diýmek bolýar. Zähmet kanunçylygynyň beýleki soraglaryna degişli buýürjy namalaryň (rasporýaditelnyýe aktlaryň) çykarylşy kanun esasynda bolmaly; kärhananyň hukuk gullugy bolsa onuň kanunlylygyny we esaslylygyny barlap gözegçilik etmeli.

Indiwidual-hukuk namalaryň kömegi bilen zähmet şertnamanyň taraplary rugsat beriş çällerinde biri-biriniň ylalaşygy bilen zähmetiň indiwidual şertleri berkidilýär, tassyklanylýar. Zähmet şertnamanyň taraplarynyň ylalaşygy bilen zähmetiň (hukuk-terbiýeçilik işiniñ) birnäçe şertleri, usullary bellenilýär:

1. doly däl iş wagty;
2. kärleriň (wezipeleriň) sazlaşygy;
3 .iş wagtynyň dowamlylygyny üýtgedip alynmagy;
4. iş hakyny saklaman zähmet rugsadyny bermek;

5. üç ýaşdan on dört ýäşa çenli çagaly (on alty şa çenli maýyp çagaly) aýallary iş wagtyndan daşary işe çekmegi we olary zähmet uradyşyna ibermegi çäklendirmek,
6.çagany naharlamak üçin arakesmeler;
7. on sekiz ýaşa ýetmedik işgärleri gijeki işlere we iş wagtyndan daşary işlere çekmegi gadagan etmek;
8. göwreli açagaly aýallar işe kabul edilen mahalyndaky kepillendirmeler hem-de olary işden çykarmagyň gadaganlygy;
9. bir ýarym ýaşa ýetmedik çagaly aýallary başga işe geçirmek we ş.m.

Kärhananyñ maliýe-hojalyk işiniñ netijeleri boýunça teklipleri işläp-tapmakda hukuk maslahatçynyñ gatnaşygy.

Häzirki zaman Garaşsyz Türkmenistanda bazar-ykdysady gatnaşyklaryna geçenimizden soňra kärhanalaryň guramaçylyk-huku görnüşleri kämilleşdi, maliýe-hojalyk işi utgaşdyrylyp, täze görnüşine eýe boldy. Şu wagt her bir uly guramada, uly kärhanada hukuk maslahatçydan pes wezipesinde malişine gözegçilik edýän işgär-auditor bar. Kärhananyň hemme maliýe-hojalyk işine degişli meseleleri, maliýe-hojalyk işiniň netijeleri boýünçä teklipleri işläp-tapmak – bu kärhananyň auditoryna degişlidir. Maliýe-hojalyk işi boýünça auditor hukuk maslahatça bile işleşip, maslahatlaşyp, ýärdam etmeli.

**§3. Içki-hojalyk nägilelikleri garamak boýunça işi gurnalmakda hukuk maslahatçynyñ gatnaşygy.**

Içki-hojalyk nägilelikleri garamak boýunça işi gurnalmakda hukuk maslahatçynyň gatnaşmagy zerurdyr. Sebäbi hukuk maslahatçy dörän jedel boýunçä kanuna laýyk, anyk we dogry düşundiriş bermeli, pozitiw çykalga

görkezmeli, ýuze çykan ýagdaýyň gatnaşyjylarynyň hukuklaryny we borçlaryny jikme-jik düşundirmeli.

Içki-hojalyk nägilelikler – bu baglaşylan belli bir hukuk gatnaşyklarda, hojalyk gatnaşyklarynda gatnaşyjylaryň öz arasynda näbelli ýagdaýlara ýa-da sebäplere görä ýüze çykýän oňuşmazlyklar, jedeller.

Ilki bilen, baglaşylan hojalyk şertnamanyň taraplaryna olaryň hukuklaryny, borçlaryny we jogapkärçiligini hukuk maslahatçy kanuna laýyk düşündirmeli. Soňra hukuk maslahatçy hojalyk şertnamanyň taraplaryna ýüze çykan meseläniň kanuna laýyk, dogry, tygşytly çözgüdini görkezmeli, hödürlemeli.

Eger jedel iki sany hukuk şahslaryň (kärhanalaryň) arasynda dörän bolsa, onda hukuk maslahatçy 1998-nji ýylda kabul edilen Türkmenistanyň Arbitraž prosesual kodeksiniň, 17.07.1998-nji ýylda kabul edilen Türkmenistanyň Raýat Kodeksiniň, 1991-nji ýylda kabul edilen we 1993-nji ýylda üýtgetme, goşmaça girizilen telekeçilik işi hakyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň, 2001-nji ýylda kabul edilen Kärhanalar hakyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň, gatnaşyjy-kärhanalaryň düzgünnamalarynyň, öz aralarynda baglaşylan hojalyk şertnamalarynyň esasynda ýüze çykan jedeliň çözüliş tertibini, ýazylmaly we ýygnanmaly resminamalaryň sanawyny, olaryň ýazylmaly tertibini, we möhletini görkezmeli, maslahat bermeli.

Yüze çykan jedeliň kärhana-gatnaşyjylara Garaşsyz döwletimiz ylalaşykly, hemmetaraplaýyn, optimal görnüşinde, tiz, kanuna laýyk çözülmegine mümkinçilik berýär. Şonuň üçin hem hukuk şanslaryň arasynda dörän

jedeli başda bir kärhana ikinji kärhana (borçlaryny wagtynda ýerine ýetirmedik ýa-da kanunçylygy bozan kärhana) öz nägileligini ýazmaça görnüşinde jedeli ýerlikli çözmek boýunça bir aý möhletiň içinde iberýär, soňra ikinji kärhana birinjä ýerlikli, ylalaşyp jedeli çözmek boýünça bir aý möhletiň içinde birinji kärhananyň iberen nagileligine jogap ibermeli, eger oňa nägilesi bolsa, onda garşylyklaýyn nägileligini uratmaly. Umumy iki aýyň içinde nägilelik döwüri ýerine ýetirilmeli. Nägilelik döwüri geçen soň, iki kärhana jedelini çözüp bilmedik ýagdaýlarynda bu kärhanalaryň Türkmenistanyň Arbitraž Kazyýetine dörän jedeli çözmek boýünça ýüz tutmaga hukuklary döreýär, sebäbi Türkmenistanyň Arbitraž Kazyýetinde ýüze çykan jedeli çözmek üçin onuň öňünden hökman nägilelik döwüri geçirilmeli. Şu hereketler ýerine ýetirilenden soňra ylalaşmadyk hukuk şaslar kanunda bellenilen tertip boýünça Türkmenistanyň Arbitraž Kazyýetinde öz aralarynda dörän jedeli özip bilýärler.

Nägilelik döwründede, Türkmenistanyň Arbitraž Kazyýetinde jedel çözülen wagtyndada kärhanalaryň hukuk maslahatçylary kazyýet wekilleri bolup çykyş edip bilýärler, öz kärhanasynyň bähbitlerini gorap, işe degişli subutnamalary, esasan ýazmaça subutnamalary ýygnap, araçy kazyýete hödürläp bilýärler, öz kärhanasynyň ýölbaşçysyna bolup geçýän ýagdaýlar barada habar bermäge borçludyr.

**Tema 8: “Hukuk işine syn bermek, netijelerine baha bermek hem-de umumylaşdyrmak”.**

**§1. Hukuk gullugynyñ syn beriş işi.**

**Hukuk gullugy** - bu edaralarda, kärhanalarda kanunçylygy berjaý edilşine gözegçilik ýerine ýetirjiligini (funksiýasyny) amala aşyrýan hem-de kärhanalaryň, ministerstwalaryň bölümlerine we ýölbaşçylaryna kanunçylygy ulanmak meseleleri bilen baglanyşykly hukuk kömegini berýan; kanunçylygy wagyz edýan özbaşdak ýerine ýetirjilikli gullugydyr.

**Hukuk gullugynyň ygtyýarlary:**

1. Karhanalaryň, edaralaryň bütin özindäki we olaryň düzümli bölumlerindäki işlerinde kanunçylygyň berjaý edilşini barlamak;

2. Zerur wagtlarda ýölbaşçylardan we beýleki wezipeli adamlardan gerekli resminamalary talap etmek;

3. Ýolbaşçynyň razylygyny almak bilen, hukuk gullugy tarapyndan geçirilýan çärelere belli bir işgärleri kömek üçin işe goşmak (mysal üçin, lokal kadanamalaryň taslamalaryny taýýarlamak üçin; hukuk kadanamalaryň tejribede ulanylşyny wagyzlamak we baha bermek).

Hukuk gullugynyň borçlary hem edil hukuklary, ygtyýarlyklary ýaly kärhananyň, edaranyň işinden gelip çykýär.

**Hukuk gullugynyň işgärleriniň borçlary:**

**1.** Kärhananyň, guramanyň, edaranyň ýolbaşçysyna gol çekdirmäge (tassyklamaga) berilýän hukuk häýeti

resminamalaryň hereket edýän kanunçylygyna aýyk gelmegine hukuk gözegçiligi amala aşyrmaga;

**2.** Kärhananyň, guramanyň, edaranyň ýolbaşçysyna gelnen netijeleri we maglumatlary bermäge, Kärhananyň, guramanyň, edaranyň jogapkär wezipeli adamlaryna taýýarlanylýan ýa-da olar tarapyndan gelnen kararlaryň hereket edýän kanunçylygyna, ýokarda durýan başlyklaryň buýruklaryna we beýleki kadanamalaryna laýyk gelşi hakynda, şeýlede Kärhananyň, guramanyň, edaranyň düzümine girýan bölümleriň, Kärhananyň, guramanyň, edaranyň işgärleriniň we olaryň maşgala agzalarynyň hukuklaryny we kanuny bähbitlerini goramak meseleleri boýunça düşündirişleri bermäge;

**3.** Kärhananyň, guramanyň, edaranyň ştatdan daşarky hukuk maslahatlarynyň işini guramaga;

**4.** Tertip-düzgüni berkitmek we garawul gullugyny, şeýle-de, kärhanada, guramada, edarada tertip-düzgüni gowulandyrmak boýunça geçirilýän kärhana, gurama, edara çäreleriniň hukuk taýdan dogry guralşyny we geçirilşini üpjün etmäge gatnaşmaga;

**5.** Kärhanada, guramada, edarada hukuk köpçülikleýin okadyşlaryň guralyşyna we geçirilişine gatnaşmaga **borçludyr.**

Kärhana, edara, gurama ýolbaşçysynyň hukuk işleri boýunça kömekçisi (hukuk maslahatçysy) kärhananyň, guramanyň, edaranyň ýolbaşçysynyň we jogapkär wezipeli adamlarynyň işiniň hereket edýän kanunçylygyna, ýokarda durýan ýolbaşçylaryň buýruklaryna we beýleki hukuk

kadanamalaryna laýyk gelmeginiň üpjün edilşine **jogap berýär.**

Syn bermek işi – bu hukuk gullugy tarapyndan kesgitlenen möhletde kärhanada geçirilen hukuk işine baha bermek, alyp barylan işleriň netijelligini görkezmek, ýalňyşlyklaryny ýüze çykarmak. Syn bermek işi – bu gaty çylşyrymly, ýokary intellektual işdir. Syn bermek üçin, şol syn berýäniň öžüniň sowatly, tejribeli, durmuşyň köp pudaklaryndan başy çykýan, tejribeli, ýokary bilimli, öž käriniň borçlaryny birkemsiz ýerine ýetirýän bolmaly. Hukuk gullugynyň syn beriş işi – bu gaty jogapkärçilikli we wajyp işdir. Sebäbi kärhananyň hukuk maslahatçysy syn bemegi üçin onuň özi örän sowatly, tejribeli, ukyply, işiň köp pudaklaryndan başy çykýän bolmaly, Türkmenistanyň kanunçylygyny bilýän, düşünýän, adamlara hukuk kadanamalary we kanunlary sada, düşnükli dilde düşündirip, maslahat berip bilýän, dürli düşünjelere nazarýet we tejribe taýdan kesgitleme we baha berip bilýän, düşünjeleri deňeşdirip, syn berip bilýän. Hukuk maslahatçynyň syn bermek işiniň üsti bilen kärhanada göýberilen ýälňyşlyklary bilinýär, gaýtalanmaz ýaly çäre görulýär we tejribä esaslanyp, geljekde göýbermezlige pursatlar döredip bolýar, boljak hukuk bozulmalaryň öňüni tutup bolýar.

Hukuk işine syn bermegiň we netijelerine baha bermegiň netijeleri hukuk işiniň çylşyrymly , gowşak ýagdaýlaryny kesgitlemäge, çözmäge mümkinçilik döredýär.Bu ýagdaýlarda hukuk wagyzlygy ulanmak we düşündirmek, zähmet kanunçylygyny düşündirmek gereklidir. Bu maksat bilen hukuk gullugy geçirjek çäreleriň meýilnamasyny

işläp tapmalydyr.Geçiriljek çäreleri – umumy sapaklary okadylşyndan, hukuk mowzugy boýunça geçirilmeli ylmy maslahatlardan, söhbet sapaklardan, hukukgoraýjy edaralaryň wekilleri bilen duşuşüklary gurnamakdan ybaratdyr.

Nesihat bermek (hukuk maslahatyny bermek) – bu Türkmenistanyň kanunçylygyny bilmek ähmiýetliligini, durmuşuň dürli pudaklarynda ýöredilýän işlerinde zerurlygyny raýata hukuk maslahatçy tarapyndan düşündirmek.

Kanunçylygy wagyz etmek – bu Türkmenistanyň kanunçylygyny bilmek ähmiýetliligini, durmuşuň dürli pudaklarynda ýöredilýän işlerinde zerurlygyny köpçülige, märekä hukuk gullugy tarapyndan düşündirmek. Kanunçylygy umumylaşdyryş işi – bu kanunçylygy wagyzlamagyň netijesidir.

**§2. Syn bermegiñ we umumylaşdyryş işiniñ usulýeti.**

Hukuk işine syn bermegiň we netijelerine baha bermegiň, umumylaşdyryş işiniň netijeleri hukuk işiniň çylşyrymly , gowşak ýagdaýlaryny kesgitlemäge, çözmäge mümkinçilik döredýär. Bu ýagdaýlarda hukuk wagyzlygy ulanmak, düşündirmek, umumylaşdyrmak zähmet kanunçylygyny düşündirmek gereklidir.

Syn bermek işi – bu hukuk gullugy tarapyndan kesgitlenen möhletde kärhanada geçirilen hukuk işine baha bermek, alyp barylan işleriň netijelligini görkezmek, ýalňyşlyklaryny ýüze çykarmak.

Kanunçylygy umumylaşdyryş işi – bu kanunçylygy wagyzlamagyň netijesidir.

Syn bermegiň we umumylaşdyryş işiniň usulýetleri:

1. Deňeşdirme usulýeti. Mysal üçin, kärhananyň hukuk maslahatçysy 2004-nji ýylyň awgust aýynyň hasabaty bilen 2004-nji ýylyň sentýabr aýynyň hasabatyny deňeşdirip, indiki aýda geçen aýkydan geçirilen hukuk işler nähili derejede hasylly, netijeli bolanlygyna we kärhanadaky hukuk bozulmalar nähili sebäplere görä köpelipdirmi ýa-da azalypdyrmy – hasabatlary deňeşdirip, geçiren hukuk işine syn berýär. ;
2. umumylaşdyrmak usulýeti. Mysal üçin, kärhanada bolan hukuk bozulmalary aradan aýyrmak maksady bilen hukuk maslahatçy kanuny bozan işgäre onuň eden etmişiniň nähili derejede jemgyýet gatnaşyklaryna zyýanlydygyna düşündirip, nesihat berip bilse, soňra bu işgär düzelip, kanuna laýyk işläp başlasa – bu hukuk maslahatçynyň alyp barýan işinde kanunçylygy umumylaşdyrmak usulýetini ulanmak bilen ýokary netijeleri gazanandygyny aňladýar

Esasan hem kärhanada kanunçylygy berkitmek, zähmet düzgün-nyzamyny berjaý etmek boýunça hukuk gullugy tarapyndan syn bermek we umumylaşdyryş işleri alynyp barylýar. Mysal üçin, kärhananyň beýleki bölümleri bilen we beýleki jemgyýetçilik guramalary bilen hukuk gullugynyň geçirýän düzgün-nyzamynyň ýagdaýyny barlamak we umumylaşdyrmak bilen bagly geçirilýän çäreleri zähmet düzgün-nyzamyny berkitmekde uly orny tutýar. Bu geçirilýän işiň netijeleri boýunça degişli kepilnamalar, teswirnamalar düzülýär. Bu resminamalar

zähmet düzgün-nyzamyny berkitmek uçin geçirilýän netijelli, hasylly göreşini has gowy gurnamak we kämilleşdirmek üçin çäreleri geçirmek maksady bilen kärhananyň ýölbaşçysyna hödürlenýär. Zähmet hakyndaky kanunçylygynyň berjaý etmek ýagdaýyna umumy baha bermek uçin bu iş geçirilmeli.

Zähmet düzgün-nyzamyny berkitmekde we zähmet hakyndaky kanunçylygy berjaý etmekde hukuk işini gurnamaklyk zähmet düzgün-nyzamyny bozýanlara ulanyp bolýan hukuk serişdeleriniň birnäçesi hödürlenýär. Ýokary zähmet düzgün-nyzamy jemgyýetçilik önümçiligini beýgeltmäge esas bolup çykyş edýar.

Türkmenistanyň Zähmet Kodeksiniň 168-nji maddasynda zähmet düzgün-nyzamynyň bozulmagy çin berilýän temmiler görkezilen. Kärhananyň administrasiýasy zähmet düzgün-nyzamynyň bozulmagy uçin şu aşakdaky düzgün-nyzam temmilerini ulanýar:

1.tabşyryp goýmak;2.käýinç bermek;3.berk käýinç bermek;
4. işden çykarmak (39-njy maddanyň 1 bölümi)

Türkmenistanyň kanunçylyk namalarynda, düzgün-nyzam hakyndaky ustawlarda we düzgünnamalarda işgärleriň aýry-aýry derejeleri uçin başga düzgün-nyzam temmileri hem göz öňünde tutulyp bilner.

Düzgün-nyzam temmisi ulanylanda edilen etmişiň agyr-ýeňilligi, onuň nähili ýagdaýda edilendigi, işgäriň şol wakadan öňki tertip-düzgüni, onuň işe garaýşy nazarda tutulmalydyr.

Hukuk-terbiýeçilik işiniň usullary:

1. buýruk berme (predpisaniýe) usuly. Mysal üçin: zähmet gatnaşyklary pugdagynda rayat bilen zähmet şertnamasy

baglaşylandan soňra, buýruk esasynda işe kabul edilýär. Işçi zähmet düzgün-nyzamyny bozandan soň temmi çäresi buýruk esasynda bellenilýär;

2. ylalaşmak usuly. Mysal üçin: kärende şertnamasy ylalaşyk esasynda baglaşylýär;

3. öz-özüňi düzetme (samoregulirowaniýe) usuly. Hukuk düzetme – bu döwletiň hukuk kadalarynyň kömegi bilen jemgyýetçilik gatnaşyklaryna täsir edişi. Öz-özüňi düzetme – bu öz kärhananyň içinde hukuk düzetmesini özbaşdak gurnamak. Mysal üçin: kärhananyň ýölbaşçysy tarapyndan ýygnak geçirip, her işgäriň hukuklaryny, borçlaryny, wezipelerini bellemek we her işgäriň ýerine ýetiren işini yzygiderli gözegçilik edip, barlamak, eger işgär tarapyndan ýalňyşlyk göýberlen bolsa, onda bu ýetmezçiligi düzedip, dogry ýoluna urukdyrmaly, umumylaşdyrmaly, düşündirmeli. Kärhananyň ýolbaşçysynyň bu işinde hukuk maslahatçynyň hem uly ýardam bermegine borçlydyr.

4. maslahat berilýän, hödürlenýän (rekomendatelnyý) usuly. Mysal üçin, işgäriň gowy zähmet çekenligi üçin sylaglamaga hödürlemek.

Zähmet hakyndaky kanunçylygyny wagyz etmek – bu hukuk gullugynyň iň bir zerur we wajyp işleriniň biri bolup, her ýylyň başynda işçileriñ hukuk tebiýesi we hukuk wagyzlygy boýunça meýilnama düzmeli, soňra kärhananyň ýolbaşçysyna görkezip tassyklatmaly. Kärhananyň ýolbaşçysy bolsa her üç aýdan şu meýilnamanyň esasynda hukuk maslahatçynyň işçileriñ hukuk tebiýesi we hukuk wagyzlygy boýunça işini barlamaly. Işçileriň hukuk terbiýesini we hukuk

wagyzlygyny berjaý etmek maksady bilen kärhananyň, edaranyň hukuk maslahatçysy aýratyn depderçe ýöretmeli we şu işe degişli hasabatlary ýazmaly, kärhanada hukuk köpçülikleýin okadyşlaryny geçirmeli, döwletde täze kabul edilen kanunlar, kararlar bilen işçileri tanyşdyrmaly, hukuk derejesinde düşündirmeli, hukuk bozulmalaryň öňüni almak üçin, kanunlaryň, kärhananyň düzgünnamasynyň kadalaryny jikme-jik düşündirmeli hem-de şu hukuk kadalaryň bozulaýan ýagdaýlarynda ňähili derejedäki jogapkärçiligine çekilýändigini we nähili kada temmisi (kadanyň sanksiýasy) ulanyljaklygyny aýdyp geçmeli.

**§3.Hukuk maslahatçynyñ hasabatynyñ mazmuny**

Her kärhananyň, guramanyň içki tertibi baradaky düzgünnamasynyň esasynda kärhananyň hukuk maslahatçysy bir aýda bir ýa-da iki gezek kärhananyň, guramanyň ýölbaşçysyna bir aýda geçiren hukuk işi barada hasabat bermeli. Hasabatda meýilnama boýunça bir aýyň dowamynda hukuk maslahatçy geçiren işleri, jemgyýetçilik çäreleri, hukuk-terbiçilik işleri, zähmet tertp-düzgünini berkitmek böýunça geçiren işleri, geçiren şertnamalaýyn gatnaşyklary berkitmek boýünça işleri, nägilelik-talap işleri , syn beriş işleri, umumylaşdyryş işleri barada jikme-jik beýan etmeli we kärhananyň ýolbaşçysyna barlamaga hem-de tassyklatmaga bermeli.

Hukuk maslahatçy hasabatlarynyň üsti bilen kärhananyň ýolbaşçysyny geçiren hukuk işiniň netijeleri we göýberen kemçilikleri bilen, kärhananyň işgärleri bilen alyp barýan hukuk wagyzlygy we kanunçylygy umumylaş-dyrmak işleri bilen tanyşdyrýar.

## ULANYLAN EDEBIÝATLARYŇ SANAWY:


1. Gurbanguly Berdimuhamedow, Ösüşiň täze belentliklerine tarap., Saýlanan eserler 1-2-nji tom, Aşgabat 2008-2009 ý.ý.
2. Gurbanguly Berdimuhamedow. Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek bagtdyr. – “Ylym”neşirýaty – Aşgabat, 2007.
3. Gurbanguly Berdimuhamedow “Döwlet adam üçindir”. Aşgabat, 2008 ýyl.
4. Gurbanguly Berdimuhamedow, „Türkmenistanda saglygy goraýşy ösdürmegiň ylmy esaslary“, Aşgabat, 2007 ýyl.
5. Gurbanguly Berdimuhamedow “Eserler ýygyndysy”. Aşgabat, 2007 ýyl.
6. Gurbanguly Berdimuhamedow “Täze Galkynyş eýýamy”. Aşgabat, 2007 ýyl.
7. Gurbanguly Berdimuhamedow Türkmenistan Sagdynlygyň we ruhubelentligiň ýurdydyr, Aşgabat, 2007 ýyl.
8. “Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Mälikgulyýewiç Berdimuhamedow gysgaça terjimehaly” . Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Baş arhiw müdirligi Türkmenistanyň Prezidentiniň Arhiw gaznasy Aşgabat, 2007 ýyl.
9. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanda durmuş ykdysady özgertmeleriň 2030-njy ýyla çenli Baş ugry milli maksatnamasy. Aşgabat, 2007 ýyl.
10. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň “Ýurdy täzeden galkyndyrmak baradaky syýasaty”. Aşgabat, 2007 ýyl.

11. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Daşary syýasaty, wakalaryň hronikasy. Aşgabat, 2007 ýyl.
12. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow, ”Türkmenistanyň Beýik Galkynyş Eýýamynyň Konstitusiýasy hakynda”. Aşgabat, 2008 ýyl.
13. „Parahatçylyk, döredijilik, progress syýasatynyň dabaralanmagy“. Aşgabat, 2007 ýyl.
14. „Halkyň ynam bildireni“. Aşgabat, 2007 ýyl.
15. Türkmenistanyň Konstitusiÿasy. Aşgabat. 2008.
16. Türkmenistanyń Raýat Kodeksi. Aşgabat. 1999 .
17. Türkmenistanyň Telekeçilik işi hakyndaky kanuny. Aşgabat. 2009.
18. Türkmenistanyň Kärhanalar hakyndaky kanuny. Aşgabat. 2002.
19. Türkmenistanyň Eýeçilik hakyndaky kanuny. Aşgabat. 1993.
20. Türkmenistanyň Oýlap tapyşlar we senagat nusgalary hakyndaky kanuny. Aşgabat. 2008.
21. Türkmenistanyň Haryt nyşanlary, hyzmat ediş nyşanlary we harytlaryñ gelip çykan ýeriniñ ady hakyndaky kanuny. Aşgabat. 2008.
22. Türkmenistanyň Söwda deñiz gatnawynyñ Kodeksi. Aşgabat. 2008.
23. Türkmenistanyň “Haryt çig mal biržasy baradaky” kanuny.-Aşgabat-1992ÿ.
24. Türkmenistanyň “Araçy kazyýetde iş ýörediş” jemkanuny.-Aşgabat-1998ÿ.
25. Türkmenistanyň Araçy kazyýetde iş ýörediş Kodeksi. Aşgabat. 1998.

26. Буталовскии О. Н. Юридическая служба в народном хозяистве. В. 2000.
27. Волкомирскии В .И. За советом к юрисконсульту. М. 2001.
28. Воронин Н. И., Расков Н.Н. Организация правовои работы в производственном объединении. М. 2001.

## M AZ M U N Y

**Giriş..............................................................................9**

**Tema1. Garaşsyz Tűrkmenistanda hukuk işiniň mazmuny we ăhmiýeti.**

§1. Hukuk işine düşünje we onuñ ähmiýeti.

Hukuk işiniñ gurnalmagynyñ usullary…………………10

§2. Hukuk gullugynyñ meseleleri…………………..15

§3. Hukuk işi amala aşyrlanda hukuk gullygynyñ orny. Hukuk bölüminiñ esasy meseleleri , ministerstwanyñ, wedomstwanyñ, edaranyñ, guramanyñ, kärhananyñ hukuk maslahatçysy…………………………………………16

§4. Hukuk işini düzgünleşdirýän hukuk namalary. "Hukuk işini gurnamak" yorite dersiniñ ulgamy………19

**Tema 2. Hukuk gullygynyň dűzgűnnamasy.**

§1.Hukuk gullygynyñ işgärleriniñ hukuklary we borçlary. …………………………………………..20

§2.Hukuk gullygynyñ işgärleriniñ bellenilşi we işden boşadylşynyñ tertibi…………………………22

§3.Adalat edaralarynyñ tarapyndan hukuk gullygynyñ usulýet ýölbaşçylygynyñ ähmiýeti……24

**Tema3. Hukuk gullugynyň işini meýilleşdirilişi.**

§1. Hukuk işini meýilleşdirilişiniñ tertibi………..25

§2. Şertnamalaýyn iş. Şertnamalaryñ baglaşylmagynyñ tejribesini umumylaşdyr- mak. Şertnamalaryñ ýerine ýetirilşini barlamak we ony meýilleşdirmek…………..27

§3. Nägilelik we talap işi. Hukuk maslahatçynyñ beýleki gulluklar bilen arabag-laşygy we nägilelik-talap işini meýilleşdirmek. ……………………………..29

§4. Eýeçiligi aýap saklamak boýünça işi meýilleşdirmek. Tebigy çig mallaryny ýerlikli peýdalanmagyny we daşky gurşawyny goramagynyñ meýilleşdirmek……………………………………….31

§5. Zähmet kanunçylygyny berjaý etmekligini üpjün etmek boýunça işini meýilleşdirmek…………………..32

§6. Işgärleriñ hukuk tebiýesi we hukuk wagyzlygy boýunça işini meýilleşdirmek. …………………………32

**Tema 4. Kanunçylygy berkitmek boýunça hukuk gullugynyň işi.**

§1. Lokal häsiýetli hukuk namalary kabul etmeklikde hukuk gullugynyñ gatnaşygy. Zähmet tertip-düzgünini berkitmek boýünça hukuk gullugynyñ işi. Zähmet hakyndaky buýruklaryñ, kararlaryñ we beýleki dolandyryş namalarynyñ taslamalarynyñ kanuna laýyklygyny barlamak. ……………………………………………35

§2. Şertnamalaryñ baglaşylmagynda we taýýarlamagynda, hem-de kärhanalarda zähmet tertip-düzgünini berkitmek boýünça guramaçylyk işleriniñ amala aşyrylmagynda we işläp-tapmakda hukuk maslahatçynyñ gatnaşygy. Işçileriñ saglygyna kärhana bilen şikes ýetirmek bilen bagly resminamalaryñ düzülşinde kömek. Pensiýa bilen bagly işleriniñ düzülşinde kömek bermek……….40

§3. Zähmet hakyndaky kanunçylygyny wagyzlamak – bu zähmet tertip-düzgünini berkitmeginiñ wajyp şertidir.41

§4. Hukuk bozulmalaryñ duýdurmagynda kärhanalaryñ jemgyýetçilik guramalary bilen we beýleki gulluklar bilen hukuk maslahatçynyñ aragatnaşygy. Hukuk gullugynyñ hukuk-terbiýeçilik işi. Hukuk-terbiýeçilik işiniñ şekilleri we usullary. ……………………………………………43

**Tema 5. Şertnamalaýyn gatnaşyklary berkitmek boýunça hukuk işi.**

§1. Potratçylyk şertnamasyny, daşaýyş şertnamasyny taýýarlamakda, baglaşmakda we ýerine ýetirmekde hukukçynyñ gatnaşygyna umumy häsiýetnama………..45

§2. Beýleki şertnamalary taýýarlamakda we baglaşmakda hukuk maslahatçynyñ gatnaşygy.Şertnamalaryñ we şertnamalaýyn gatnaşyklary düzgunleşdirýän beýleki hukuk kadanamalarynyñ meseleleri boýunça kanunçylygy hakynda kärhanalaryñ, guramalaryñ wezipeli adamlaryna habar bermek……………………………………………45

**Tema 6. Nǎgilelik-talap işi.**

§1.Nägileliklerñ bildirmeginiñ we düzilşiniñ tertibi. Nägileliklerñ bildirmeginiñ we garalmagynyñ möhletleri……………………………………………51

§2.Talaplaryñ bildirilmeginiñ we düzilşiniñ tertibi. Talaplaryñ bildirilmeginiñ we garalmagynyñ möhletleri..55

§3.Nägilelikler boýunça işi alyp barmak we gurnamak, nägilelikler işi boýunça kärhananyñ beýleki düzimli

bölümleriniñ (maliýe bölüminiñ, harytlary ýerleşdirmek boýunça bölüminiñ we ş.m.) işiniñ usulýet ýolbaşçylygyny amala aşyrmak. Nägilelikler boýunça işini umumylaşdyrmak we ony kämilleşdirmek boýunça täze teklipleri taýýarlamak…………………………………..56

**Tema 7. Kărhananyň işiniň ykdysady gőrkezijilerini ýokarlandyrmak maksady bilen hukuk serişdelerini ulanmak boýunça hukuk gullugynyň guramaçylyk işi.**

§1. Kärhanalaryñ işiniñ ykdysady görkezijilerini ýokarlandyrmak boýunça hukuk gullugynyñ çäreleri…..57

§2. Karhanada bolup biljek hukuk bozulmalaryñ öñüni almak boýunça geçirilýän işlerinde hukuk maslahatçynyñ orny we ähmiýeti. Kärhananyñ maliýe-hojalyk işiniñ netijeleri boýunça teklipleri işläp-tapmakda hukuk maslahatçynyñ gatnaşygy. ……………………………..60

§3. Içki-hojalyk nägillikleri garamak boýunça işi gurnalmakda hukuk maslahatçynyñ gatnaşygy. ………..63

**Tema 8. Hukuk işine syn bermek, netijelerine baha bermek hem-de umumylaşdyrmak.**

§1.Hukuk gullugynyñ syn beriş işi……………………..66

§2.Syn bermegiñ we umumylaşdyryş işiniñ usulýeti…..69

§3.Hukuk maslahatçynyñ hasabatynyñ mazmuny……..73

Edebiýat……………………………………………75